## Şem

Dört sany şem ýylpyldap ýanýardy..
Töwerek şeýle bir ümsümlikdi welin, şemleriñ sesine çenli eşidilýärdi.
**Birinji şem : - Men PARAHATÇYLYKDYRYN!**
Adamlar meniñ bolan ýerimde parahat, rahat ýaşar. Emma nädeýin, hiç kim meniñ öçmän ýanyp durmagyma kömek edmeýär. Her ýerde uruş, dawa-jenjel. Göwnüme bolmasa, tiz wagtdan sönerin-diýdi. Onuñ ody çalt peseldi-de birdenem söndi...
**İkinji şem: - Men WEPADYRYN !**
Men dost dünýesinde ösýän bir güldirin. Söýgi we adamkärçilik bagynda boý alyp, gunça açýaryn. Meniñ bar ýerimde ýalñyzlyk gider, damja derýa, derýa ummana döner. Emma meniñ gadyrym azaldy. Gadyrymyñ ýok ýerinde ýanyp durmagymyñam manysy ýok. Şem sözüni tamamlap tamamlamanka pessaýja ösen şemal ony hem söndürdi
**Üçünji şem : - Men SÖÝGÜDİRİN !**
Dünýä gelen her barlykda meniñ yzymy görersiñiz. Meniñ bilen bitewileşen ruhlar belentliklere ýeter. Çaga söýgi we mähir gujagynda rahatlanar. Güneşiñ daş töwereginde-de söýgi yzlary bardyr. Gül-gülälekler söýgi bilen ygşyldaşarlar. Ynsan göwnüni awlamagyñ iñ anyk ýoly söýgidir. Nädeýin, ýanara halym galmady. Adamlar meni unutdy. Gadyr-gymmatyma düşünmeýärler. Iñ ýakyn adamlaryny hem söýmegi unutdylar-diýdi. Uzaga çekmän ol hem sönüp gitdi. Birden... Otaga bir çaga girdi-de şemleriñ üçüsiniñem sönenini gördi. Çagajyk: -Näme üçin ýanmaýarsyñyz? Siz zamana ahyryna çenli sönmän ýanmaly dälmidiñiz?" diýip, gözlerinden boýur- boýur ýaş dökdi.
**Şol pursat dördünji şem söze başlady:**
- Gorkma, men ýanyp dursam, beýleki şemleri täzeden ýakyp bileris. Maña **UMYT** diýerler. Meniñ bar ýerimde her kes, her jemagat direler. Aşylmajak ýaly görünýän belentlikler meniñ bilen açylar. Adamlar ömrüñ añyrsyndaky Gudraty soñsuza ýakynlaşar. Päkligiñ, tämizligiñ durulygyñ simwoly bolan çagajyk nurly gözleri bilen UMYT ŞEMINI eline aldy-da beýleki şemleri ýeke- ýekeden ýakdy...

## Şöhratyň almasy

Ýaş ýigit elinde gyrmyzy, ter almany saklap durdy.
- Ony iý! - diýip, Ruh aýtdy. - Ol durmuşyň almasydyr.
-Durmuşyň almasyny iýmäge wagt taparyn. Maňa şöhrat, baýlyk gazanmak gerek.
- Onda ýör, gideli, yzyma düş. Men saňa şöhratyň almasyny görkezeýin - diýip, Ruh aýtdy Olar dag ýodalaryndan ýöräp başladylar. Çarkandakly dag ýodalarynda ýokaryk galmak olara ýeňil düşmedi. Emma olar ýuwaş-ýuwaşdan öňe sary ädimläp barýardylar. Ýakyp-ýandyryp barýan Günem, öl-myžžyk eden ýagyş-da onuň maksadyna ýetmegine böwet bolup bilmedi. Şol gidip baryşlaryna ýigit wagtyň nähili geçenini-de bilmedi. Olar baryljak ýere ýetýänçäler ýigidiň saçlary çalardy, gollarynyň güýji gaçdy. Ahyrsoňy bir belentlige ýetdiler.
- Ine, gelmeli ýerimize-de gelip ýetdik - diýip, Ruh dillendi. Birwagtky ýigit kanagatlanma bilen uludan dem aldy:
- Hany onda maňa şöhratyň almasyny ber-dä.
Ruh oňa togalak, gyrmyzy, ajaýyp almany uzatdy. Saçy çalaran birwagtky ýigit almany höwes bilen eline alyp, oňa işdämenlik bilen agyz urdy. Haçan-da almanyň içiniň çüýrükdigine göz ýetirende ol soragly nazaryny Ruha dikdi:
- Bu näme?
Sen geňirgenme. Sen ony şol wagt iýmelidiň. Her zat öz wagtynda ýagşy - diýip, ol jogap berdi.

## Oka! Oýlan!

Oglana bir gyz ýarapdy, olam onuň ýanyna baryp tanyşasy gelýä, gyzam ol oglana jogap berýär:
- Sende BMW maşyn hem-de 2-gatly jaý barmy?!
- Ýok
- Onda bagyşla, hoş gal diýip, gyz öz jorasy bilen ýoluny dowam edipdir. Oglan kakasynyň ýanyna baryp, hemme zady aýdyp berýär. Kakasy oňa:
- Saňa näme diýeýin oglum, sen öz Bentliňi iki sany BMW çalşyp bilersiň, ýöne jaýymyzyň Üçünji we Dördünji gatlaryny bir gyz üçin ýykmak, bu samsyklykmyka diýýän ...

## Bagt dälmi

Säher güni görýän gije hem aýy.
Ýyldyzlaram görýän, görýän asmany.
Şemalyň mährini duýýan tenimde.
Şularyň özi hem bir bagt dälmi?!

Içip bilýäs suwy akar çeşmeden.
Dadyp bilýäs gyzgynjak petir nany.
Kakamyzdan alýas ata mährini.
Ejemizden söýgi almak bagt dälmi?!

Bolsa gelniň edepli hem asylly.
Bolsa ogluň agras,namysly,arly,
Bolsa gyzyň on barmagy hünärli.
Şolaň arasynda bolmak bagt dälmi?!

Rysgymyz ýetip dur Hudaýa şükür.
Nebsime ylgamok ýok erbet pikir.
Halkym menden bolsa mydam razy.
Iliň ogly bolmaklyk bir bagt dälmi?!



## Eli gülli oglanjyk.

Sarysyndan ýoldum,gögünden ýoldum,
Gyzylyndan ýoldum,agyndan ýoldum.
Güller bir-birinden,ajaýyp eje!
Dogurjamy diýsem baryndan ýoldum.

Mollum rugsat etdi,ýolaýyň diýdi,
Halanja gülňizi alaýyň diýdi.
Ejeňize gowşuryň bu gülleri,
Ýetmesede ýene, geläýiň diýdi.

Baýram,Meret,Çary öýlerne gitdi,
Gujagyn doldurup bir desse gülden.
Eje ynha menem,mekdepden çykyp,
Şol bir gujak gülli,ýanyňa geldim.

Seretsene eje, gülere seret!
Seniň halaýanyň,terje bägüller.
Goşgy hem öwrendim,onam aýdaýyn,
Şahyrçylyk eden bolýan,kä günler.

Janym ejem,gutly bolsun baýramyň,
Minnetdarlyk úçin,galma azara"
-diýdidi-de  oglanjyk,gül goýup gitdi,
Gözýaşyn damdyryp,köne mazara.

## “Bagyşla mugallym”

Bagyşla,mugallym diňlemändirin
Seň jan edip beren leksiýaňy men
Şol säwlikden häli-hälem kösenýän
Kän gowy bilemok leksiýämy men

Şeýle boljagyny aňýardym öňden
Men närza däl,zerurlygy duýşumdan
Ýöne welin şonda-da men sözleňi
Geçiripdirin gulagymyň duşundan

Sebäp seň gaşyňda-öňki partada
Seň ýüzüňe bakyp otyrdy bir gyz
Men bolsa şol gyzyň aý dek ýüzünden
Gözlerimi üzüp bilmezdim hergiz

Synlap onuň kirpiklerniň neşderin
Synlap onuň zülpleriniň taryny
Seň diýýän sözleňi eşitmegä däl
Hatda unudypdyryn seniň baryňy

Her bir ownuk hereketin yzarlap
Doýup bilmän onuň jady meňzinden
Her gezek jaň kakylanda çykardym
Arzuwlaryň,hyýallaryň deňzinden

Beren sapagyňy almanlygymy
Bagyşla mugallym,bagyşla her hal
Sebäbi ol gyzyň beren sapagam
Durmuşda seňkiden peslär ýaly däl.

## Sen kime görünjek äriñden başga?

Gelin! Düşinemok, edýäniñ näme?
Bolmasañ-da her gün äriñden daşda
Göýä daşdakylañ ünsün çekýañle,
Sen kime görünjek äriñden başga?

Bar, kraska-da çal gyzyldyr-agy,
Ýöne betelmesin niýet-hyýaly.
Geýen geýimleriñ ýelimli ýaly
Sen kime görünjek äriñden başga?

Bezenýäñ, bezenmek zenanyñ kesbi,
Aşa bezenmegem üýtgedýär keşbi.
Bezenşiñ gyzlardan on esse geçdi.
Aýt, kime görünjek äriñden başga?

Gider äriñ işe gijesne gelip,
Sen bolsa enteýäñ şäheri gezip.
Saña bakan bakar niýetin bozup.
Sen kime görünjek äriñden başga?

Tapan-tupanyny üste sepinip,
Gyñajyñ dañanok, ondan çekinip.
Gulagña gulakça tylla dakynyp,
Sen kime görünjek äriñden başga?

Şahyr aýdar mende galmady sabyr,
Şeýle gelinlere sebäp däl döwür.
Dakynýan altynlañ - ol senden agyr,
Ýeñili ýeñmedi äriñden başga?

## **Adamzadyñ geñ häsiýetleri**. (FILOSOF EFLATUN)

Filosof Eflatundan şeýle sorapdyrlar: "Size görä adamzadyñ iñ geñ galdyran ýagdaýy näme?"
Eflatun şeýle jogap beripdir: "Çagalygy islemezler,ulalmak üçin howlugarlar.Soñra-da çagalygyny küýsärler. Mal-mülk üçin gije-gündiz ylgap, saglyklaryna zyýan ýetirerler, öñki saglygyna gowuşmak üçin ýygnan mal-mülklerini harçlarlar. Ertirleriñ aladasy bilen bu günlerini unudarlar. Netijede, bu günlerini we ertirlerini ýaşamaz ýaly ederler. Hiç wagt ölmen öýdüp ýaşarlar, ýöne ýaşamadyk ýaly hem ölerler".
- Onda adamlar nahili ýaşamaly? - diýip danadan ýene soranmyşlar. Dana şeýle jogap beripdir:
- Hiç kime özüñizi söýdürjek bolmañ, hiç kimiñ öñünde kiçelmäñ, hiç kime-de ulumsylyk satmañ. Goý, sizi il söýsün. Iñ esasy zat bolsa, durmuşda iñ kän zada eýe bolmak däl-de, iñ az zada mätäç bolup bilmekdir!

## **Eger bäş manady alsam oýun gutarar!**

Işewir kişi dellekhanada saçyny oňardyýardy. Sertaraş bilen gepi alyşypdy. Şol barmana gapynyň öňünden geçip barýan oglanjygy gören sertaraş, işewiriň gulagyna pyşyrdady, “Şol oglan bara,dünýäniň iň samsyk çagalaryndan biri! Seret, häzir...” Sertaraş oglanjyga seslendi: “Eý, hany bärik gel!”. Oglanjyk ýuwaşlyk bilen dellekhana girdi we samsyklyga salyp güldi-de, salam berdi.Sertaraş işewiriň gulagyna “Seret indi” diýip pyşyrdady-da, soň bir eline müňlük, beýlekisine-de bäş müňlük alyp, oglanjyga seretdi: “Haýsyny isleseň alyp bilersiň!” diýdi. Oglanjyk pullara siňe seretdi-de, müňlügi
çekip aldy. Sertaraş işewire seredip güldi: “Gördüňmi? Men saňa diýipdim” diýdi. Işewir saçyny oňardyp bolansoň köçä çykdy, oýnap ýören ýaňky oglanjygy gördi. Ýanyna baryp, ondan ýaňy näme üçin bäş müňlük dälde, müňlügi
alandygyny sorady. Oglanjyk ýeserlik bilen: “Eger bäş müňlügi alsam oýun gutarar!” diýdi.

## **Enäniň ogluna we gyzyna ýazan haty**

Mähriban gyzym,oglum, şeýle gün geler.... Men garraryn,şonda mana düşünjek bol,goldawym bol! Eger-de nahar iýenimde birden dökäýsem ýa-da seniň kömegiňsiz geýinip bilmesem sabyrly bol ! Çünki men saňa bu zatlary näçe ýyllap öwredenimi unutma! Eger-de seniň bilen gürleşemde şol bir sözi ýüz gezek gaýtalasam hem meniň sözümi bölme. Haçan-da sen çagakaň sen uklar ýaly şol bir hüwdini mün gezek aýdanymy unutma ! Haçanda täze tehnologiýalara duşünmedik wagtym ,gülüp seretme . Men saňa köp zatlary öwredenimi unutma! nädip dogry iýmeli ,gürlemeli,nädip özüňi dogry alyp barmaly we ş.m . Eger-de ikimiz gürleşip otyrkak men gürrüňimizi ýadymdan çykarsam,gynanma,iň esasy zat şol wagt: men seniň bilen gürleşip,seniň bolsa meni diňläp bilýändigiň... Eger-de günlerde bir gün meniň aýaklarym hereket etmesini goýsa,maňa elleriňi ber,meniň saňa ellerimi berip ýöremegi öwredişim ýaly. Birden-kä aňym gidip zeýrenen wagtym gaharyň gelmesin, wagty gelende sen maňa düşünersiň.
Meniň garrylygymy görüp gynanma ,ejizleme,aglama. Meniň saňa başda kömek edişim ýaly,senem maňa ömrümi ahyrlamaga kömek ber, meniň ýanymda bol,ömrümi sabyrlylyk hem-de söýgi bilen tamamlamaga kömek ber.... Men bolsa saňa öz ýylgyrşymy hem-de hiç wagt öçmejek ummasyz söýgimi serpaý goýup giderin. Men seni söýýän mähriban çagajygym!!!

## **Ak kagyz**

Bir gün mugallym okuwçylara merkezinde gara nokatjyk goýlan ak kagyzy görkezip sorag berýar "Siz näme görýärsiňiz...?".
Biri nokat gorýän diýdi,beýleki galyn nokat görýän diýdi,biri hapa görýän diýdi.Hemme okuwçy kiçijik gara nokatjygy gördiler.Ýöne hiç haýsysy uly ak kagyza üns bermedi...Adamda hem edil şeýle.Adamlar kiçijik ýalňyş hereketi görýäler ,ýöne hiç kim adamyň özüni,içki dünýäsini görmezler üns bermezler.Dine erbet tarabyny görjek bolarlar.

## Dostlugyň gadyry bilinse ýagşy

Gözelleň waspyny ýazýarsyň şahyr
Näme üçin ýazmaýaň dostlaryň hakda
Yşkyň derýasynda ýüzýärsiň şahyr
Näme üçin ýazmaýaň dostlaryň hakda

Şatlygyňa şatlanyp gülküňe gülüp
Aglaňda aglaýan dostlaryň dälmi
Başyňa iş düşse sençe gyýylyp
Bagryny daglaýan dostlaryň dälmi

Hassa günüň hassa halyňy sorap
Dermanyn gözleýän dostlaryň dälmi
Gybatyň etseler mertebäň gorap
Tarypyň sözleýän dostlaryň dälmi

Myhman bolsaň saçak ýazyp öňüňde
Naz-nygmat getirýän dostlaryň dälmi
Hezzetläp,hormatlap başa täç edip
Sylagyň ýetirýän dostlaryň dälmi

Eger işiň düşüp barsaň ýanyna
Minnetsiz bitirýän dostlaryň dälmi
Durmuş ýodasyndan büdürän günüň
Goluňdan göterýän dostlaryň dälmi

Iň ýakyn hossaryň ýakyn dostlaryň
Olar seň ugruňda bolýar jan serek
Eger sen olaryň gadryn bilmeseň
Olaň bar azaby bolar biderek

Gözelleň waspyny ýazýarsyň şahyr
Goý gözeller lezzet alsyn sözüňden
Ýöne gözelleriň waspyn ýazsaňam
Mähriban dostlaryň salma gözüňden

## Ak pata!

Her gün säher bilen ak pata berip,
Meni iki adam ugradýar işe.
Biri çörek salýar ýoldaşlyk diýip,
Biriniñ gözünde söýgi endishe.

Ikisem mähriban ikisem eziz,
Hersiniñ orny bar tarypa laýyk.
Göwni hoş ýagdaýda işe gidýärin,
Olaryñ endigin keramat saýyp.

Hawa işe barýan gülala-güllik,
Başlygam käýänok kem gaýdan ýerme.
Oýlansam ykbalym gowluga barýar,
Bu çyndanam şeýle sen näçe derñe.

Şeýdip oýlanmalañ lezzeti bilen,
Unudýan ýaşlygmyñ ceken yzasyn.
Birdenem iş wagtyñ bolandyr tamam,
Onsoñ howul hala öýe dyzarsyñ.

Çykarsyñ duralga geler awtobus,
Öýede bararsyñ nesip edenden.
Şol iki eziziñ garşylar welin,
Ýadawlyk syrylar argyn bedenden.

Biri gök caý guýar aýna cäýnekden,
Biri nahar guýar güllije jama.
Onýança çagalañ gujagña böker,
Olaryñ gülkisem aramdyr jana.

Bagtlysyñ günüñden nägile dälsiñ,
Şeýle bolmagyny isläp hemişe.
Ejem bilen gelnim ak pata berip
Meni her gün säher ugradýar işe.

## Allanyň barlygynyň subut edilişi!

Bilişiňiz ýaly, Ymam agzam Ebu Hanife beýik yslam alymydyr. Ebu Hanife entek kiçijik ýaşlarynda-da akylly alym ekeni. Onuň ýaşaýan Bagdat şäherine ynançsyz adam gelipdir. Bu ynançsyz adam özüne gaty ynamly ekeni...”Kim maňa Allanyň barlygyny subut edip biljek” diýýämiş..şonda halk Ymam Agzamy görkezipdirler. Ýaňky ynançsyz adam Ymam Agzama ýüzlenip: Saňa soraglarym bar, dolulygyna Allaha ynanmaklygym üçin, sowalyma jogap bermeli borsyň.

Ymam Agzam ynamlylyk bilen “sora” diýipdir. Ynançsyz adam biraz pikirlenip bu sowaly beripdir:

- Eger Alla bar bolsa, Ony näme üçin görüp bilmeýäris?

Ymam Agzam sowaly geňirgemän ýylgyrypdyr. “Ilki bize süýt getirsinler, söhbetimiz has hem süýjesin.” Ynançsyz adam hem guraýan dodaklaryny ýalap “bolýar” diýipdir, “hem içeris hem-de söhbet ederis” Süýtler gelipdir. Şol döwürler süýdi süýjilendirmeklik üçin, bal goşýan ekenler. Elbet-de häzirki döwürdäki şeker ýok eken. Ol ynançsyz adam baly garyşdyryp süýdüni içmäge başlapdyr. Ýöne Ymam Agzam ynançsyz adama ýene bir çemçe bal berip, alyň süýdüňizi süýjeldiň....diýipdir. Ynançsyz adam : sagbol, men baly gardym, süýdümiň içinde bal bar, sen meniň sowalyma jogap ber.

Ymam Agzam : ilki süýdüň balynyň, ýagny bugünki şekeriň işini çözeli diýipdir. Ol adam gaharlanyp:

- Meniň süýdümiň baly bar diýýän...diýipdir.

Ymam Agzam : - ynanamok, diýipdir.

Ol adam has hem gaharlanyp

- Näme üçin ynanaňok? Diýende şu jogaby beripdi

- Men görmeýän zadyma ynanmaýaryn süýt bilen garyşan baly görkezseň ynanaýyn...Ynançsyz adam, bala sataşdym diýýän ýaly bolup başyny iki ýana yrap gygyrypdyr:

- Süýde garyşan bal görünjekmi? Ony gözüň bilen görmersiň, eger dadyp görseň tagamyny diliň biler. Eger bilesiň gelýän bolsa, gözüň bilen seretme,al dadyp gör. Sen şeýle zatlar bilen meşgullanmada gowusy meň soragyma jogap ber....

Ymam Agzam süýji-süýji ýylgyryp, şeýle diýipdir:

- Meniň jogaby aýtmagyma salym bermän, özüňiz jogap berdiňiz.

- O nähili?

- Nähilisi bolarmy? Süýdüň içine garylan bal nähili bar bolsa, edil şonuň ýaly Alla hem bardyr. Emma gözümiz bilen görmeýäris. Içýän süýdüň ýagyny hem görkezip bilmersiň. Ýöne süýt ýagly hem süýjüdir. Ony hem görmän, diliňiz bilen dadyp bilersiňiz. Diýmek bu dünýäde bar bolan käbir zatlary biz gözümiz bilen görmeýäris. Olary diňe edýän täsirleri we eserlerinden bilýäris. Ýa-da başga duýgy organlarymyz bilen bilip bilýäris. Siz süýdüň ýagyny, şekerini hem görüp bilmeýärsiňiz, Allanyň barlygyny nädip görüp bilersiňiz. Biziň gözümiz dünýädäki käbir zatlary görüp bilmeýän çäkli gözdür.

Ynançsyz adam gaty erbet bozulypdyr. Gynançly we aljyraňly ýagdaýda näme etjegini bilmän, pikirlenmäge başlapdyr...

- Bolýar, saňa soňky sowalym....Eger bu soraga hem jogap berseň, musulman boljak....

Ymam Agzam maksada ýetmekligiň şatlygy bilen “Ber sowalyňy” diýipdir...

Ynançsyz adam soňky hüjümini edipdir :

- Bolýar, kabul edýärin, Alla bar. Ony näme üçin görmeýändigime hem düşündim. Gözüme görünmeýän, ýöne bar bolan Alla şu wagt näme iş edýär?

- Bu sowalyňyz hem aňsat diýipdir, Ymam Agzam .... Jogabyny siziň oturan kürsüňizden bermek isleýärin. Aşak düşüň...

Ol adam haýran bolup aşak düşüpdir.

Ymam Agzam bolsa çykyp oturypdyr. Daş-töweregini synlap we seredip duran adamlara garap, şeýle diýipdir:

- Alla şu wagt seniň ýaly ynançsyz uly adamy bu kürsüden indirip, meniň ýaly imanly çagany oturtdy.

Soňunda näme bolupdyr diýip pikirlenýänsiňiz? Elbetde hemmäňiziň bilişiňiz ýaly şol ynançsyz adam Musulman bolmaly bolupdyr.

## Aşyklaryñ jedeli

Düyşümde bir gyzyñ daşyna üýşüp
Döwre gurap otyr birtopar jahyl,
Olaryñ deñ ýarsy gadymky aşyk
Deñýarysy bolsa klassyk şahyr.

Ortada bürenip oturan gyzyñ
Kimligiñi hakynda turupdy jedel
Menem bir gyrada diñledim durdum
Diñlemekden entek göremok hezil

Ilki bolup mejnun diýdi soz alyp
“Bilmedim ne boldy gelmedi Leýli
Bir seretsem Leýli bu ýerde otyr
Gitse-hä äkitjek,gitmese meýli"

Ondan soñra Tahyr turup ýerinden
Diydi:,,Geciñ eger bolsa günähim
Ýogsa-da şu bürenip oturan gözel
Ýa Zöhre bolmaly bolmasa Mahym"

Aşyklaryñ geñ enaýy jedeli
Tamam bolup gelinmäka netijä
Seýdi şahyr syçrap turdy ýerinden
Diýdi:,,Bu gyz meñzeş biziñ Hatyja"

Ortada bürenip oturan gyzyñ
Onýançada ýel oýnady gulpagyn
Bu görnuşe gözi duşen bir şahyr
Böküp turdy göge zyñyp telpegin

Gollaryn salgylap diýdi: A how jemagat
Bu gyzyň zülpleri ýandyrdy zülpi
Garyp diýip bizi kesirjek bolmañ
Gyz biziňki garyp Keminäniñki"

Ondan soñra Mollanepes:,,Bu gyza
Bu janymny bereý diýmekçi dostlar
Bu gyz perde bilen sözleşyýän gyza
Aç ýüzüñni göreý diýmekçi dostlar"

Ondan soñ Pyragy güñleç ses bilen
,,Serediñ oturşyndan bellidir
Bu gyz gözümize han bolup görnen
Ýalñyşmasam gökleñ gyzy Meñlidir"

Soñra gyzyñ özi acdy yüzüni
Asyl o gyz sen ekeniñ ezizim
Soñra men oýandym agşamky jedel
Gulagymda yañlanyp dur henizem.

## Goňşy barada goşgy

Goñşyň gowy bolsa hezil bor eken
Bidirmez awusy batsada tiken
Çakylyksyz gelmesede aşyňa
Ylgap geler kyn iş düşse başyňa

Hasratyň paýlaşar egsiler derdiň
Ynanyň gowlugy goňşudan gördüm
Goňşyňdan soň geler süýtdeş doganyň
Soňra daýyň daýzaň onsaň ýegeniň

Gijirägem bolsa barysy üýşer
Tüweleme oňat goňşyň bar diýişer
Oňat näme, ýürekleriň nagşy olar
Kyn gününde hemaýatçy goňşular

## Eje

Añşyrmandym nämäñ näme bolanyn,
Dagap gitdi goýunlarmyñ hemmesi.
Diñşirgensem köne ýatan guýydan
Eşidildi zaryn ejemiñ sesi.

Ylgap bardym. Ejem ýatyr aşakda.
Ýarpy göwräm sallap, uzatdym elim.
Näme üçin ejemjana ýetenok
Uzatsam-da aşak elimi telim.

Durup bilmän özüm guýa okladym
Aýdyp janly başa, Hudaý ýoluna.
Emma nämüçinkä gözýaşly ejem
Gidip barýar barha aşaklygyna.

Ol guýydan ýol gitse-de has aşak,
Barýan onuñ tümlügine garaman.
Görmek umyt bilen ýitiren käbäm
"Şygyrt" bolsa şol tarapa ýöreýän.

"Ejeee" diýip gygyramda dowamly
Bir ýerlerden çykar diýip çakladym.
Ýöne menden medet islän ejemiñ
Keşbi-hä däl, sesini-de tapmadym.

Dowam etdim şol tümlükden ýolumy,
Çykdym ahyr ýagtylyga, kenara.
Göyä diýrsiñ gözýetmesiz okean
Süýşùp gelýär maña tarap hamana.

Ol ummanda altyn balyk göründi,
Gördüm onda ejemjanyñ keşbini.
Begenjimden täzelendi has beter
Öçüp barýan gözlerimiñ uçguny.
Köle döndi uly umman kiçelip,
Gitdigiçe bolup barýar has kiçi.
Görseñ indi oña köl-de diýmersiñ,
Kak suwy dek Altyn balykly içi.

Elim uzadamda Altyn balyga
Gözüm açdym. Zöwwe galdym dessine.
Kursdaşymam oýanypdyr şol pursat
Meniñ eýmenç "Eje" diýen sesime.

Syzýar eken perzent Ene ýüregin
Haçan-da ol ondan aýra bolanda.
Gözúm ýetdi erte saba dogjak gün
Meniñ ùçin agyr bolup doganda.

Ertesi gün, birgün, şu gùne çenli
Dowam etdi ýüregimiñ agysy.
Gör ýene-de dowam eder näçe ýyl
Kalbda galan aýralygyñ awysy.

Edil beýle derejede görmändim
Ene şeýle Mukaddesdir diýseler.
Subut etdi maña durmuş sapagy
Ýitirlende iñ mähriban dideler.

Ýadymda, sen meñ ýanyma geleñde
Şygyrlarym senden bukup ýitirşim.
Bu gün käbäm senden gizlän goşgulam
Giç bolsa-da köpçülige ýetirdim.

Ruhuñ okap senden bukan şygyrlam
Diri bolup düýşúme-de girersiñ.
Onsoñ käbäm oýanmajak bolsamam
"Kyn bolsa-da oýan balam!" diýersiñ.

Ýogsa nämä guwanmaly şolarsyz,
Indi mende ene-de ýok ata-da.
Önüp-ösdüm deñ-duşlardan kemsinip
Şemal açyp, şemal ýapýan gapyda

Gäbiazan, bolsam-da men dikdüşdi,
Ejizleýän Enä gezek gelende.
Sebäbi señ ýaşamagyñ manysy
Hem özeni Eziz Enäñ elinde

Bu kakamdan geçdi bize gan bilen,
Enäñ niçik hormatyny öwretdi.
Beýle sungat juda inçe bolansoñ,
Ol özüne maşgalamy höwr etdi.

## Kim güýçli?

Ata oglunyň ýanyna gelip, elini onuň egnie goýup:
- Oglum, kim güçli senmi ýa men?
Ogly  - Men diýip jogap berdi.
Atasy sähel öýkelän ýaly boldy we ýene sorady:
- Oglum, kim güçli senmi ýa men?
Ogly:  - Men diýip jogap berdi.
Atasynyň öýkeläp yzyna seredip gitdi. 3 metrçe uzaklaşyp umyt bilen ýene bir gezek sorady:
- Oglum, kim güçli senmi ýa men?
-siz güýçli kakajan! – diýdi.
Geň galan ata oglundan sorady:
Iki sapar soradym men güýçli diýdiň, üçinji sapar soranymda sen diýidiň. Näme maňa rehimiň geldimi?
Ogly şeýle jogap berdi:
- Kakajan iki sapar soranyňda siz ýanymdadyňyz, men hiç zatdan gorkmaýardym. Üçinji sapar soranyňyzda siz ýanymda ýokduňyz...

## Ejeleri har etmäñ.

Yzymdan geldiler hemde diýdiler
Häziriň özünde öýnüze ýüwür
Atаň demin sanap ýatyr düşekde
Ýagdaýy agyr

Şobada ýüwürdüm öýmüze tarap
Uýam ylgap cykdy
Ýuwaş,ýuwaş,ýuwaş
Kakamyň ýanynda häzir ejem bar
Çykyança garas

Minutlar geçip dur gije garalýar
Gapydan jykladym ezizim ýatyr
Ýygyrt düşüp giden mähriban eller
Saralan goşary owkalap otyr

Ajalyň  bar zatdan güýçluüdigine
Has beter ynandym şol günden beýläk
Ýarym asyr bäri arkamda duran
Iň beýik dostumy etjekdi heläk

Onýança eşitdim hoşlayk sözun
Berdinýäz- diýip gozgandy atam
Ullakan bir ömrün soňky setiri
Assa-assa bolup baryardy tamam

...Onýança-da ejem cykdy daşaryk
Beýnimi sarsdyrdy şar-gara köýnek
Gara bulut kimin ýüzüme bakdy
Bir zat pyşyrdady... kyndy düşünmek...

Gara der büräpdir giň maňlaýyny
Ol keşbi ölünçäm ýatdan çykarman
Kakaň ýanyna bar seni çagyrýar...
Menimi kaka jan ynha kaka men

Hä geldiňmi oglum göreçlerinden
Dem salym jyklady kiçijik ýagty
Azajyk gobsundy ýatan ýerinden
-Geldi oýdyan oglum hoşlaşyk wagty

Ajal toýnagynyň astyna düşdüm
Megerem, şeýledir kysmatym oglym
Soňky sözüm -agyrtmagyn ejeňi
Agyrtmagyn-şudur wesýetim oglum

Başga wesýetim ýok...ýumdy gözlerin
Garaňky büredi jaýyň içini
Çar töwerek gaýtalady wesýeti
-Agyrtmagyn agyrtmagyn ejeňi

Bulut galňap çagba başlady birden
Şaggyldap başlady jaýlan üçegi
Damjalar hem gaýtalady wesýeti
-Agyrtmagyn agyrtmagyn ejeňi

Dünýäniň ýüregi hemde geljegi
Nesilleň göreni hemem görjegi
Diňe adamlaň däl tebigatyň hem
Diňe asyrlaň däl,her sagadyň hem
Şu günki diýýäni erte diýjegi
-Agyrtmagyn,agyrtmagyn ejeňi

## Ejemizi öz ornundan tapmasak

Ýazarlar söýgi hakda, ýazarlar sene hakda,
Ýazarlar gaýgy hakda, ýazarlar ene hakda.
Ýöne welin daş-töwerek hyň berse-de şahyrdan
Sen barada birje goşgam ýazýan ýok-la bu çakda.

Ýogsa, dogan, çagalygyň ýadyňdamy diýseler,
Doganlygyň, agalygyň ýadyňdamy diýseler,
Seniň bilen bir göwüsden emen barmy diýseler,
Seň oduňa senden beter ýanan barmy diýseler,

Ene bolsa ilkinjisi, ata bolsa ikinji,
Şolardan soň gümany ýok, seň adyňdyr tutuljak,
Onam bolsa, känem bolsa, erkek dogan sanymyz,
Ýene sensiň bir zat bolsa, hemmeden öň topuljak.

Ýa bolmasa, käte-käte küýsämizde enäni
Çaga dönüp, ýerli-ýerden öýe tarap eňýäris.
Ana, şonda öz ornundan tapmasak biz ejäni,
Ejemize meňzeşimiz - saňa bakyp oňýarys.

Aga bolup, kaka bolup, duýmasagam derdini,
Öz derdini ýeke özi çekip ýören dogansyň.
Gaty görmäň deregine, öz bagtyny unudyp,
Bize garap, bolsadylar ekip ýören dogansyň.

Aljyrama, şahyr oglan, aljyrama, goşguçy,
Ol ikimiz ýaly däldir, ýene ýarym göwündir.
Biz ýazsagam, ýazmasagam, gaty görüp ýörmez ol,
Çünki, ol bir beýik ynsan - naçar aýal dogandyr.

## Düýş

Güllere beslenen tämiz howluda
Bir özüm otyryn zehinim durlap
Gapdalymda goýup gülli çäýnegi
Süýjiläp çaý içýän çalaja derläp

Gülli bagyň içinde şadyýan guşlar
Dürli owaz bilen aýdym aýdýardy
Garaz howlyň içi şeýle hezillik
Näçe taryplasaň bärden gaýdýardy

Şeýle gözelligi synlap otyrkam
Giň howlymyň gök gapysy açyldy
Aý bilen bäsleşýän bir gözel gelin
Uz basyp,näz edip,ýanyma geldi

Çakylyksyz gelen owadan gelin
Taýly gezek ýaňagymdan ogşady
Beýle hezilligi görmänsom heniz
Tolgunmakdan ýaňa süňňüm gowşady

Akja gelin, bir enaýy näz bilen
Başym sypap saçlarymy darady
Akja gollaryny orap boýnuma
Gözlerime mähir bilen garady

Soňra emaý bilen geçip düşege
Egnindäki köýnegini çykardy
Güllen näzik beden,beýikli pesli
Gözlerim şeýle bir jenneti gördi

Mahmal düşek,per ýassygyň üstünde
Iki göwre,iki ýürek birleşdi
Gulaklar gapyldy,gözler ýumuldy
Bally dodak,diller,sessiz gürleşdi

Hopugyp,der basyp,açsam gözümi
Gije geçip,daň hem atan ekeni
Kelteden,dört gyraň semiz aýalym
Ýanymda hor çekip ýatan ekeni

## Gara lybas

Bu gün sap synama gara geýindim,
Köýnegim jalbarym penjegim gara.
Bu geýimleñ baryn sen äberipdiñ,
Hamana bilen dek geljegiñ gara.

Göwnüm tukatlandy şoñ üçin geýdim,
Ýüregme dökülýäñ şu günler aşa.
Şu gara geýimleñ baryn geýdirip,
Diýýädiñ sen maña sen uzak ýaşa.

Maña ömür diläp her säher her şam,
Özüñ bu dünýäni terk edip gitdiñ.
Gussaly gözleñde syr baryn gizläp,
Saña bolan yşkym berkedip gitdiñ.

Ýasyñ tutmak ücin gara geýmedim,
Sen gara geýnemde halaýardyñ has.
Bu gün gara geýnip seniñ şanyña,
Ähli gussalamdan boldum men halas.

## Yöräp barýarsyň!

Görýänimdenmikä seni hemişe,
Üç gün mundan ozal giripsiň düýşe,
Ertesi ir bilen gelýärkäm işe,
Ep-esli öňümden ýöräp barýarsyn.

Yzyndan galmadym bakmadyň eger,
Işe yetişmäge howlugýaň meger,
Nazarym eglesem gözlerim deger,
Ýöne sen ýag ýaly eräp barýarsyň.

Köplerden üýtgeşik uz dek näziň bar,
Belkide goýnuňda bahar ýazyň bar,
Maňlaýda ýok eken bolmak sana ýar,
Şondada göwnüme yarap barýarsyň.

Käte agşamara gelýärsiň gabat,
Keýpiňem her gezek şeýle bir oňat,
Ýalbarýan ýüz berme özünden sowat,
Ýogsam söýgi ýüpün sarap barýarsyň.

Käte bir maşyna bolýas münmeli,
Käte gürleşmeli käte gülmeli,
Gözlerin gaşlaryn gara sürmeli,
Aýnadan daşaryk garap barýarsyň.

Daşyňdan guwanýan ýokdur alajym,
Bir goşgy ýaz diýdiň ýazaryn borjum,
Bir syryň çözgüdi dine maňa çyn,
Täsin gazal bolup döräp barýarsyň.

## Aşyk sazanda

Meýdan düşelgesi. Tuduñ kölgesi,
Ýigitler bir ýanda, gyzlar bir ýanda.
Zähmet bilen joşup Murgap jülgesi,
Ýürekde çeşme deý ýaşlyk gaýnanda.

Orta çykyp oslanmadyk bir oglan,
Çalmaga başlady dilli tüýdügin.
(Haýran galaýmaly, ol mundan owal,
Hat-da diýip bilmeýärdi diýjegin).

Saýradyp tüýdügin şirinden-şirin,
Şeýle bir süýjüdip, sojadyp çalýar.
Bir pynhan gudratdan galkynan jiger,
Gör, nije ýüregi heýjana salýar.

Ýigitlerem haýran, gyzlaram haýran,
Özem haýran galyp çalýar o sazy.
Kim bilsin, sazmy ol, mukammy ýa-da
Ýüreginde gaýnan yşkyñ owazy?!

Ol şeýle bir çalýar, onuñ çalşyny
Dil bilen-ä beýan etmez hiç kimse.
Tüýdük bolsa, berbat edip kalbyñy
Gepläp durdyörän düşnükli dilde.

Ol saz çalýar. Hol bir çetde zyba gyz,
Otyr gabagyny galdyryp bilmän:
''Wah, aklyñ nirede, nirede kelläñ?!''
Uýalýar gyz, laplap ýanýar ýañaklar
Ähli syry äşgär bolandyr öýdüp:
''Heý, söýginem şeýdip paş etmek bormy,
Heý, syryñam ýaýmak bolarmy şeýdip?!''

## Aýalymyň gören düýşi

Gündüz öýüň agyr keşigin çekip
Bu günem ir ýatdy aýalym meniň
Görgülim hysyrdap halys ýadansoň
Bu günem paşmady hyýalym meniň

Per ýassyga boýun goýan dessine
Uka gitdi pişik ýaly myrlady
Söýgim bilen,mährim bilen çoýamsoň
Mähribanym gujagymda derledi

Bilmedim gijäniň ýarymy daňdan
Aýalym gygyryp galdy ýerinden
Ellerin titrdip,gözün petredip
Akyl-huşy giden eken serinden

Köşeşdirdim ak käsede suw berip
Ynjaldy ezizim özüne geldi
"Düýşüňde näm boldy" diýen soragma
Diýdi "Bir ýaş ýigit ogşajak boldy"

Diýdim şoň üçinem gygyrarlarmy
Menä şeýle düýşe ýetip bilemok
Ýaşajyk gelinler girmänsoň düýşe
Ynjalyp arkaýyn ýatyp bilemok

Saçlary sypalap basyp bagryma
Aýalymy ýene uka batyrdym
Arzuwlap ýaşajyk gelin gyzlary
Gözüme çiş kakyp daňym atyrdym

## Bagt näme?

"Bagt näme?"-diýip soradym puldan,
Pul: "baýlyk"-diýip, altynlary görkezdi.
Pula tarap gadam basjakdym welin,
Baýlykdan  soň "meslik" meni ürküzdi.

Soňra bardym "uzak ömrüñ" ýanyna,
"Bagt senmi?"-diýip, soradym ondan.
Diýdi:"jigim, el-aýagyň  ysmaz bor,
Şoñ uçin çyn bagty gözleme menden."

Gaýtdym jogap tapman "uzak ömürden",
Soñra ýolda gabat geldim "abraýa".
Diýdim:"abraý aga, sendemi bagt?"
Görsem, "abraý", zaryn-zaryn aglaýar.

Bagty tapman, ýüzüm salyp gelýärdim,
Birden "söygi" ylgap geldi ýanyma.
Diydi: "meni tapsaň-bagty taparsyň"
Hemmamiz söýeliñ hakyñ şanyna!



**Aýly gije**

Egerde şu gije aý-aýdyn bolsa,
Belki duşuşmaga çykaryn diýdiň.
Çykmasam öýmüzün daşky çyrasyn,
Üç gezek öçürüp ýakaryn diýdiň.

Bir tozan gaýanok howaň ýüzünde,
Bulutlar syrylyp gidipdir bir ýan.
Obaň çetindäki ýodajyk bilen,
Duşuşuk ýermize howlugup barýan.

Ynha pellihana duşuşmaly ýer,
Indi gelerine garaşsam bolýar.
Bilýän duşuşuga gijä galýar gyz,
Diňe wagt bilen göreşsem bolýar.

Gijede aý-aýdyň aýdyşyň ýaly,
Seniň gelmezligňe ýogam bahana.
Arçasy kän depäň üstüne çykyp,
Syn salyp otyryn bu giň jahana.

Görnüp dur öýňüzem beýle bir daş däl,
Daşky çyraňyza seredýän garşy.
Gelenok men bolsa içim gysdyrýar,
Jahanyň kem-kemden yagtylyp barşy.

Sagatlar geçip dur ynha daň atdy,
Gygyryp başlady horazlaň bary.
Eýýäm duralgadan awtobus dolup,
Işe gidip barýar obanyň ýary.

Gelmediň, bilmedim sebabi näme,
galdy ýüregimiň ezýet çekeni.
Gijäniň bir wagty tisginip galdym,
Bolsada bu waka düýşüm ekeni.

## Diýme maña neşekeş !

Bes et indi diýme maña neşekeş,
Ygtyýar ýok şu pişäni göymaga.
Lezzeti bar ähli zatdan üýtgeşik,
Ömrüm ýetmez ondan ganyp doýmaga.

Nädeýin meň ornaşypdyr ganyma,
Ýaşap ýörin ýaşlygymdan öwrenip.
Özüñ bilýäñ şundan ýüzüm öwürsem,
Kelle çanak barýan ýaly owranyp.

Goýjak diýsem indi maña ynanma,
Ozalam men seni aldapdym telim.
Bes et indi, diýme maña neşekeş,
Ýazaýyn ezizim ysýaka elim.

## Tašlanan çagañ depderçesinden:

Otyryn öçügsi,ÿarym Aÿ bilen,
Özümem öçügsi bir göwniÿarym.
Daşym ejeliler,başymda «Eje»,
Şu sözüñ manysyn biljek bolÿaryn.

Meñ ÿanymda öwündiler,öwdüler,
“Eje” sözüñ tükeniksiz güÿjüni.
Menem öwjek welin,goşlup olara,
Bilemok-da,ol ajymy,süÿjümi?

Ÿöne,men birzady bilÿärin anyk,
Yzasyny çekip gelÿärin heniz.
Kysmat neneñ mañlaÿymy çyrşapdyr?!
Göwnümem,ömrümem,özümem kemis.

Bu gije-de düşünmedim men ÿene,
Sizem düşmersiñiz ÿürek jigläme.
Yza bilen ÿaşap,gowşap,
Owşap gelÿärin... Alajym näme?'

## Salam haty

Salam! Gije gündiz owazlar bilen,
Obaň dünýäsine boýlanan gözel,
Indi ençe gündir düşlerime girip,
Şanyna hat bilen ýazaryn gazal.

Agdykdyr işleriň, ýetikdir ýüküň,
Bizem ylym äleminde göýä bir möhür,
Ýöne şu gün ähli işleriň goýup,
Hatym okagyn gyz, şu örän möhüm.

Söýýän, söýýän diýip, seslenýäň ilki,
Yogsam yşgyň meniň ýüregim dildi,
Meger, senem seslenerime garaşyp,
Hatym ýüzleriňe sylansyn belki.

Belki-de, şeýleräk bolmagy mümkin,
Belki-de, iç çekip, tutandyr gülkiň,
Belki-de, ýyrtmagy-da göwnüňe düwüp,
Son yene el cekip durandyr erkin.

Oka gyz, göwnüňi giň tutup oka,
Ine ýetiberdik hatyň soňuna,
Menä gije-gündiz ýalbarýan Haka,
Şu synagym bolsun, diýip şowuna.

Indi rahat tapmaz ýüregim böküp,
Jogap hatyn küýsäp kalbym ynjalar.
Belki sähralaryň yollaryn söküp,
SÖÝÝÄN sözleriňi getir bukjalar.

## Şagalyñ sesi

Ýadymda,şol günem şu günki ýaly,
Dolan aý asmanda nurun saçýardy.
Garagol ýyldyzlar gözlerin gyrpyp,
Biri ýansa beýlekisi öçýärdi.

Ýadymda,gelipdiñ şonda kenara,
Oýnadyp şemala gara saçlarñy.
Ýadymda,synlapdym aý yşygynda,
Mawy gözleriñi, gara gaşlarñy.

Uzaklardan gelýän şagallañ sesi,
Seni tiskindirdi,atdy gujagma.
Diýdiñ "-ogurlarlar şagallar meni,
Meni ýetirmezler şagallar saña.

Men göwünlik berdim,köşeşdiñ kem-kem,
Diýdim şagal näme? arslanyñ barka.
Şagal nämedigne düşindim soñ-soñ,
Bir şagaljyk saña,öýlenip durka.

Ýadymda, o günleñ bary ýadymda,
Aý aýlanyp,ençe ýyllar geçsede.
Duşuşuk ýerimiz,suw kenaryna,
Käte gidip,dönip gaýdýan geçmişe.

Edil düýnjik, ýolum düşdi kenara,
Dolan aýyñ keşbi,ýene gülýärdi.
Aşyk ýigidiñ gujagynda bir gözel,
Uzaklardan şagal sesi gelýärdi.

## ATANYÑ OGLUNA BOLAN ÖKÜNJI!!!

"Gulak as, oglum, men bu sözleri sen süýji ukuda ýatan wagtyñ aýdýaryn: sen çepiksije eliñi ýañajygyñ aşagynda goýupsyñ, mymyjak mele saçlaryñ bolsa çygjaran mañlaýyña ýelmeşipdir. Men bir özum seniñ ýatan otagyña daraklygyma basyp girdim. Birnäçe minut mundan ozal, kitaphanada gazýet okap otyrkam biçak gaty ökünç aladasy meniñ üstüme labyryny atdy. Häzir günämi boýun alyp seniñ krowadyñ ýanyna geldim.
Gör, men nämäñ pikirini etdim, oglum. Men gaharymy senden çykarjak bolan ekenim. Mekdebe gitjek bolup geýnip durkañ, öl palatensany ýañy yüzüñe ýetiren wagtyñ, men saña gaty käýýedim. Kõwşüñi arassalamanyñ üçinem yüzüńi aldym. Eşikleriñden bir zady ýere taşlan gezegiñem üstüñe herrelipdim. Çaý dökeniñ üçin, çörege mesgäni juda köp çalyp, açgözlük bilen iýýäniñ üçin, tirsegiñi stola diräniñ sebäpli, ertirlik naharyñ başynda-da men saña igendim. Onsoñ sen-ä oýnamaga ugradyñ, menem otla ýetişjek bolup alñasadym, sen şonda maña tarap öwrüldiñ-de , eliñi bulaýlap: "sag bol, kaka!" diýdiñ, men weli ýüz-gözümi çytyp : " egniñi gysma!" diýip, gygyrdym.
Soñra, günüñ ahyrynda, bary ýene täzeden başlandy. Ýol bilen öýe barýakam, seniñ dyzanaklap şar oýnaýanyñy gördüm. Joraplaryñ deşilen eken. "jorabyñ bahasy gymmat- ony der döküp öz gazanjyña satyn almaly bolaýsañ, onda ony aýap geýerdiñ!" diýip, hüñürdäp, öñüme salyp alyp gaýdanymda, men seni ýoldaşlaryñ arasynda kemsidipdim. Bir pikir et, oglum, bu zatlar atanyñ ogla diyjek sözlerimidir?!
Ýadyñdamy, bir gezek sen kitaphana girdiñ, ol ýerde men gazýet okap otyrdym, sen çekinýärdiñ, ýygrylýardyñ. Men okap oturan gazýedimiñ üstaşyry gözümi alardyp seretmek bilen maña päsgel berenligiñi añdyrdym, sen ýaýdanyp, iç işikde saklandyñ. Menem: "saña näme gerek?" diýip, azmly soradym.
Sen hiçzat diýmediñ-de, maña tarap topulyp, boýnumdan gujakladyñ-da, ogşadyñ. Seniñ eljagazlaryñ hudaýýñ ýüregiñe guýan mähri bilen, hat-da meniñ saña ýowuz daramagym zerarly-da öçmedik mähir bilen boýnuma oraşypdy. Soñra, aýajyklaryñy basgançaklara basyp , ýokary çykyp gitdiñ.

Hawa, oglum, ana, şondan soñ, elimdäki gazýet syrylyp ýere gaçdy-da, meniñ kalbymy eýmenç ýürekgysdyryjy gorky eýeledi. Ýaramaz gylyk meni nä günlere salypdyr?! Kiçijik oglanlygyñ üçin meniñ saña bar eden sowgadym - gaharlanmak, igenmek, daşyñy galdamak boldy. Men seni gowy göremokdym diýip bilmen, gep başga zatda, men çagadan has köp zada garaşypdyryn, SENI HEM ÖZÜM ÝALY ETJEK BOLUPDYRYN.
Seniñ hüý-häsiýetiñde weli ajapdan-ajap zatlar, ýürekdeşlik gaty köp. Seniñ kiçijik ýüregiñ baýyrlaryñ añyrsyndan dogup gelýän şapak ýaly, uly hem tämiz. Ýatmaga gitmeziñ öñ ýany meni gujaklap hem ogşamak üçin topulañda bu zatlara gowy göz ýetirdim. Men garañkyda utançly halda seniñ krowadyñ ýanyna gelip, dyzyma çökdüm! Bu gün başga hiç zadyń ähmiyeti ýok oglum.
Elbet-de, bu günäni ýuwan kişi bolmak. Oýanan wagtyñ saña bu zatlary gürrüň bersem, düşünmejegiñi bilyän. Ýöne men ertirden başlap hakyky ata bolaryn! Men indi seniñ agzybir boljak, sen ejir çekseñ seniñ bilen çekerin, begenen yeriñde-de begenerin. Nähili gaharym gelse-de, indi dilimi dişlärin. Men hemişe doga sanan ýaly: "ol entek çaga, kiçijik oglan ahyry" diýen sözleri gaýtalaryn.
Dogrysy, seni öz añymda uly adam hökmünde görüpdirin. Ýöne, häzir krowadyñ süýji ukuda ýatyrkañ görenimde, seniñ entek çagadygyña düşündim. Sen dek düýnem ejeñ elinde, başyñy onuñ egnine ýaplapjyk durduñ ahyry. MEN SENDEN JUDA KÖP ZADY, UÇURSYZ KÖP ZADY TALAP EDIPDIRIN."



**Bagtly bol dost !**

Bir mahallar şeýle ýakyn jana jan dostlar bolupdyr. Olaryn biri garyp birem baý bolupdyr. Bir gün baý söýgülisi bilen kafe gidipdir bir oglan söýgülisine lak atýa düşünşsizlik sebäpli ony öldüryar. Polisýa üýşüp başlaýar. Baý garyp dostuna jaň edip ýagdaýy düşündirýär. Garyp “garas barýan” diýip trupkany goýýar we barýar. Hemme zady oz boýnuna alýar. Ol oglany 26 ýyl azatlykdan mahrum edilýär. Wagt geçýär, garyp türmeden  gaçyp gaýtyar we baý dostunyňka baryp gapyny kakyýar. Baý dosty gapyny açyp “bar git seni gözüm görmesin” diýip kowup goýberýär. Garyp dosty näme bolanyna düşünmän duralga baryp kellesini tutup otyrka bir garryja ýaşuly bir sumka galdyryp gidýär. Garyp sumkany açsa içinde gaty köp pul bar eken. Garyp muňa öý alynýar, maşyn alynýar garaz hemme zat edinýär. Bir gün oz göwün halan gyzyny tapýar we söýüşýär. Bir gün öýüne bir aýal gelip “meni öýüňe hyzmatkar edip al men sen öýüňde mugt işlejek” diýýär. Muňa razy bolýar. Öz söýgülisine öýlenmegi toý etmäge razylaşýalar. Bu toýy uludan tutýar. Toýa öz baý dostunam çagyrýar. Her kim toýy gutlaýar. Tans edilýär. Toý gutlamak gezegi baý dostuna gelýär. Baý dosty “dost bilýäňmi biz nähili dostduk, bilýäňmi men adam öldürdim bilýäňmi sen meň üçin 26 ýyl türmä gitdiň, bilýäňmi sen bize geleňde men seni kowdum sebäbi öýde polisýa işgärleri bardy. Olar seni gözläp ýördiler, bilýäňmi sen duralgada durkaň bir ýaşuly saňa pul goýup gitdi ol meň kakamdy, bilýäňmi sen öýüňe bir aýal hyzmatkariň bolaýyn diýip bardy. Ol meň ejemdi, bilýäňmi sen öýlenip oturan gyzyň meň gyz jigim men saňa  iň ýakynlarymy berdim. Dost bagtly bol”


Baý we ogry

Üç sany adam ogurlyk etmegi ýüreklerne düwüpdirler we maslahat edip ogurluga pata alyp soň başlamaly diýen karara gelipdirler. Pata almak üçin mollaň ýanyna baryp ýagdaýy düşündiripdirler. Molla bulary kowupdyr. Ýaňkylaň 1-jisi şo wagt bu işden ýüz dönderipdir. Son 2 bolup galypdyrlar. Olar ýene köp molla baryp kowlup gaýdypdyrlar. Şeýdip
 2-jisem bu işden ýüz dönderipdir. Ýeke galan adam bolsa eýdip beýdip bir molla tapypdyr we ol mollany pata bermäge razy edipdir. Ýöne molla yaňky adama 4 şertiniň bardygny aýdypdyr. Ol razy aýt şertiňi molla aga diýipdir. Molla: 1-nji şertim öz obaň zadyny ogurlamagyn. 2-nji şertim garybyň zadyny ogurlamagyn. 3-nji şertim ogurlanyňda nebisjeňlik edip gowy zada ýapyşmagyn. 4-nji şertim ýalan sözlemegin, diňe dogruçyl bolgun diýipdir. Ogry şertlere razy bolup molla bilen hoşlaşyp işine başlapdyr we bir baýyn öýüni dörmegi göz öňüne tutupdyr. Baýyn işe c
çykaryny garagullap duran ogry baý gideninden soň öýe girýär we içi humdan doly duran 3 küýzä gözi düşýär. Küýzeler biri birinden tapawutly eken. 1-njisi has uly 2-njisi ortaça 3-njisi has kiçi eken. Haýsyny aljagny bilmän  hälki mollaň aýdanyny 1 pikrinde gel şuň ulysynam kiçisinem alman oratanjysyny alaýyn diýip küýzä tarap ýöräp ugraýar welin metjitden azan sesi eşdilip ugraýar ogry hereketini togtadyp azan sesi gutarýança Allany ýatlap duraýyn diýip gymyldaman durýar. Azan sesi gutaran badyna gapydan yzyna baý girýär we ogrudan sen kim diýip soraýar welin mollaň wesýetini yatlap ýalan sözlemäýin diýip men ogry diýip jogap berýär. Näme işleýäň meň öýümde diýip baý haýbat atyp ugraýar. Ogry baýy garagullandygny we şo humdan doly küýzäniň birini ogurlajak bolandygny ýöne şol wagt azan sesi eşdilende Allany ýatlap gymyldaman durandygyny we azan sesi sowlandan soň ogurlamagy karar edinendigni baýa birin-birin düşündiripdir. Bay bu ogra haýran galyp şeýle diýipdir. Inim ogry şo küýzäň in ulysynda 3 ýylyň zekady ortanjyda 2 ýylyň zekady iň kiçide bolsa bir ýylyň zekady bardyr. Şolary bermäge bir garyp halal adam tapman üýşürip oturyn ýöne sen azan sesini eşdeňde Allany ýatlap duran bolsaň bu küýzelere mynasypsyň diýip humlaryň baryny ogra berip indiden beýläk halal işlejekdigne soz berdirip ugradypdyr.

# SOWALHON

Içerde oturanlar onuň nähili girenini duýmady. Ýok, ýok! Ol girmedi. Ol iç işikde birden peýda boldy.
— Geleweri, Ata sowalçy — diýip, öý eýesi gelene ýüzlendi.Biz onuň bilen gaýybana tanyşdyk: “Biziň obamyzda Ata sowalçy diýen bir täsin adam bar. Lakamyna gaty mynasyp. Keseden bir del adam geläýdigi ony eýerläp münýär-de, öliň soragyny öňünde goýýar. Oba arasynda-ha onuň gepine hä berýänem ýok indi” diýip, öý eýesi bize öten agşam gürrüň beripdi. Ine, şu gelen şoldy. Sowalçy dik durka-da, düşek üstüne geçip oturanda-da, ýitigini tapan ýaly, iki gözüni bizden aýyrmaýardy, sebäbi ýoldaşym ikimizden başga şu taýda del adam ýokdy.
-Nireden geldiňiz? — Onuň bu sowaly diňe myhmanlara degişlidi. Salam-helik ýok, onuň içerik girip, agzyndan çykaran sözleri şu sowal boldy. Meniň ýoldaşym Çakan öý eýesiniň söz bilen Sowalçyny dalamagyna puryja bermän, “SSSR-den” diýdi-de, ýuwaşlyk bilen öý eýesine üm etdi. Gep başyny agyrtmaly bolanda, Çakanam-a bäri-bärilerde aýak çekýänlerden däldir. Hany göreli bakaly, haýsysynyň towy güýçlükä.Sowalçy beýle jogaba garaşmadyk bolarly, bir salym üşerilip oturdy-da, ýene özüne geldi:
— O nähili SSSR-den?!
— Nähilisi bormy, oglan! SSSR-den bolsaň SSSR-den diýmeli bor-da. Dagy näme, Yssambyldandyr öýdýärmisiňiz?!
Atanyň belli-külli lapy keç boldy. Iki gözüni bizden aýyrman, bir salym ýene dymdy. Meniň gülkim tutýardy, emma zordan saklanýardym. Beýlekileriňem böwrekleriniň bökmäge taýýardygyny olaryň ýüzünden aňmak kyn däldi. Sowalçynyň sowaly tukenäýdi diýip otursam, asyl çakym ýalan bolup çykdy. Ol dymyp, täzeden hüjüme geçmäge taýýarlyk görýän eken.
-Siz şäherli bolarly. Diýmek, köp bilýänsiňiz. Öten agşam bir düýş gördüm welin, ýorup bilermisiňiz?
-Beter ederis. Men şol ugurdan uly spesialist. Hany, aýt bakaly. Pygamberler ýorgudy bolsun. Göreniňiz bir seriýalymy ýa iki seriýaly?
-Pylança seriýaly diýer ýaly duýş kinomy neme?
-Häzirki zamanyň düýşi hökman seriýa-seriýa bolmaly. Meniň özüm-ä üç-dört seriýalysynam görýän. Hawa, aýdyberiň...
-Aýtsam, düýşümde men it münüpdirin... Düýşünde adam at münse, ýorgudy oňat. Sygyr münse, ýamana ýorulýar. Emma it münseň...
— Oňat saýgardyňyzmy beri, it däl bolaýmasyn?
— Tüýs it. Başga zat däl. Men onuň bilen gepleşdimem...
— Be, it dilindemi?
— Ýok, adam dilinde.
— Adam dillerinden haýsysynda?
— Diliňem bir haýsysy-beýlekisi bormy?
— Bolman näme? Biziň obamyzyň itler-ä diňe latynça gürleşýär.
— Aý, ýok. Biz-ä ene dilde gürleşdik.
— Kimiň ene dilinde?
— Meniň ene dilimde, türkmen dilinde, how! Itiň ene dili bolmaz ahyry.
— Indi düşnükli. Hä, näme gürrüň etdiňiz onsoň?
— Gepleşýänim-ä bilýän welin, näme gürrüň edenimiz ýadymda däl.
— Siz esasy zady unudypsyňyz, ýormak kyn düşse gerek. Itiň näme diýenini bir bloknota belleseňiz bolmadymy?
— Itiň üstünde-de bir bloknot bormy?
— Galamsyz, bloknotsyzam, heý, ite münerlermi?
— Wah, nädip münendigimi bilemok diýip aýdýan ahyryn.
— Ýeri, bolýa-da. Haýsy tarapyndan mündüňiz?
— Itiňem bir haýsy tarapy bormy. It itdir-dä.
— Özi mün diýdimi ýa özüňiz inisiatiwa görkezdiňizmi?
— Bilemok. Diňe üstündedigimi bilýän.
— Gezekleşdiňizmi?
— O nähili gezekleşmek?!
— Soň o-da mündümi diýjek bolýan.
— Ýok-laýt! Siziň soraýan zadyňyz nätüýsli! Item bir adama münermi?!
— Darykmaweriň. Sizi öz arkasyna hopba etmäge akyly çatan it gezekleşmelidigine hem düşüner. Aý bolýa-da. O ganjykmydy ýa köpekmidi?
— Men näme, ony barlap gördümmi. Haýsy bolanda näme!
— Ätiýaçldan barlaýmaly ekeniňiz-dä. Şonuň urkaçydygyny ýa erkekdigini anyklamadyk bolsaňyz, düýşüňiz ýordurmasa gerek. Siz şo duýşi ýamaşgan görüp bilmersiňizmi?
— Aýdýanyňyz nämäýt siziň?!
— Darykmaweriň. Düýşi doly ýormak üçin, jikme-jik detallar gerek. Siz bolsa esasy zatlara üns bermänsiňiz. Siziň düýşüňiz alasarmyk kategoriýaly düýşlere degişli. Umumy kada görä, şu zeýilli düýşleri ýamaşgan görmek maslahat berilýär. Siz indi...
Çakan sözüni soňlamanka, Ata sowalçynyň nädip öýden çykyp gidenini hiç haýsymyzam duýmandyrys...

## 100 gül

Bir sany aşyk magşuklar bar eken. Ikinji jahan urşy başlanýar we ýigidi watan goragyna çagyrýarlar. Ýigit gyza:
-Eger men sana uruşdan 100 sany roza gül ugratsam maňa garas, eger 99 sany gül ugratsam maňa garaşma diýdigimdir - diýýär.
Gyz hem munuň bilen razylaşýar. Bir ýyldan soňra gyza ýigitden hat we guller gelipdir. Gyz howlygyp gülleri sanamaga başlapdyr. Sanap görse güller 99 sany çykýar. Ýene-de sanaýar 99 çykýar. Gyz içi-içine sygman aglaýar. Haty bolsa okamaga ýüregi etmän şkafyna salyp goýýar. Iki hepdeden soňra bolsa kakasynyň dostuna durmuşa çykmaga razy bolýar. Toý güni ýigit uruşdan gaýdyp gelýär we gyza ----Näme uçin maňa garaşmadyň diýse gyz aglap şeýle jogap berýär.
-Güller 99 sany eken.
Ýigit:
-Aýtsana haty okadyňmy? Gyz:
-Ýok, okamaga ýüregim etmedi.
Ýigit:
-Bagtly bol ezizim, ýöne haty okap ör - diýýär.
Gyz oýüne baryp haty açyp okap görse onda şeýle sözler bardy:
**"100-nji gülüm sensiň"**

## Wepalylyk

Bir garryja aýaldan sorapdyrlar -nädip size adamyňyz bilen 60 ýyl

är-aýal bolup maşgalada ýaşamak başartdy?

-Bu soraga garryja aýal şeýle jogap berýär :

-Düşinýäňizmi, biz şeýleräk döwürde doguldyk we ulaldyk , haçanda bir zat döwülse ony bejerilýän , alynyp кöçä zyňylmaýan!

## Patyşanyň gyzy

Gadym bir zamanda beýik bir patyşanyň owadan bir gyzy bar eken. Gyzyň durmuşa çykmaly wagty gelipdir ýöne hiç kimi halamandyr. Patyşalaryň, wezirleriň, täjirleriň ogullary hat-da kim bolsa-da olardan ýüz öwüripdir. Bu döwletde bir görmegeý ýöne garyp bir oglan hem öýlenmek isläpdir ýöne oňa hem ýüz bermändir.

Bu oglan soň başka bir ülkä gidip işläpdir, gaty baý bolupdyr. Watanyna bir näçe ýyldan soň gelipdir we özünden ýüz döndüren gyzyň ýanyna gidipdir. Gapyny kakypdyr, gapyny betnyşan bir adam açypdyr. Adam gidensoň ýene gapyny kakypdyr, bu gezek gyz gapyny açypdyr, oňa näme üçin bu betnyşan biri bilen öýlenendigini sorapdyr. Gyz muny düşindirmek üçin oglany öýüň arka tarapyndaky owadan gül bakjasyna äkidipdir.

-Soragyň jogabyny özüň bilersiň. Indi şu gül bakjasyndan iň owadan güli maňa ýolup getirmelisiň, ýöne bir şert bilen – bakjada gidip barýarkaň yzyňa hiç hili ädim ätmeli dälsiň

Bolýar diýipdir oglan  başlapdyr ýöremäge. Oglan ýany bir iň owadan güli tapdym diýende başka bir gül görýär we oňa el uzatjak bolup durka başka birini görýär, ony ýoljak bolup durka başga owadan bir gül...

Soň bir seretse bakjanyň soňuna gelipdir, yza ädim ätmesi gadagan! Bakjanyň soňunda bolsa boýny bükük betnyşan bir gül.

-Ynha! diýipdir gyz. Düşindiňmi indi näme üçün bu adamy saýlandygymy?

## Nämañe gerek?

Diñe hakykaty ýazasym geldi,
Başyñda ýaglyk bar al elwan gülli,
Ýöne bir häsýetiñ ýüregmi dildi,
Diýme beýle goşgyñ nämäme gerek.

Ynha taryp etsem saçlaryñ waspyn,
Näme saçlaryñda barmydy kastyñ,
Olary kesipsiñ soñam boýapsyñ,
Aýtsana bu zatlar nämäñe gerek?

Mañlaýña düşüpdir bir topar joýa,
Ne günlere düşdüñ kärdeşim Maýa?!
Wah gaşlañ ütülip bolupdur zaýa,
Aýtsana bu zatlar nämäñe gerek?

Gabaklañ hakdada kän ýazsam bolar,
Her gün dürli reñke boýalýar olar,
Bu gün gyzyl ertir gök soñ ýaşyl goñur,
Aýtsana bu zatlar nämäñe gerek?

Kirpikleñ waspynam geçeýin ýazyp,
Her gün sürme çalýañ öñküni pozup,
Aý garaz barýarsyñ şeýtandan ozup,
Aýtsana bu zatlar nämäñe gerek?

Keşbiñe sözüm ýok örän gelşikli,
Her gün işe gelýäñ dürli eşikli,
Arman gulaklaryñ iki deşikli,
Aýtsana bu zatlar nämäñe gerek?

Kim senden gaçyp ýör kim saña aşyk,
Gör nämeleri etdirýär ýaşlyk,
Aý borda aýagñy basmasañ gyşyk,
Düşünmeseñ  goşgym nämäñe gerek?

## Men sizde birgiden ýat adam gördüm

Söýgini ezizläp, setire salyp,
Men saňa goşgudan çemen bagladym.
Gözleňi ýaglygyň ujuna çalyp,
Öten agşam sen nämüçin agladyň?

Çekdiň ýekelikde nämäniň derdin?
Aýry derdiň bolmaz, bile çekeli!
Men sizde birgiden ýat adam gördüm,
Şolar näme iş bilen gelen ekeni?

Olar size girip-çykýandyr belki,
Seň girip-çykyşyň azaltmak üçin.
Edip söýgimizi ryswa-gülki,
Gara saçymyzy agartmak üçin.

Sen aýtsaň-aýtmasaň, bir zat aňladym:
Öten agşam sen nämüçin agladyň?!

## Kyn günümde gelmediň

Göýä aýsyz gije azaşan ogry
Terk eden ýyllarma - dolandym yza.
Garaşanym dogry, garanym dogry
Öýkesi näzinden agdygrak gyza.

Gujagma buz bolup gireniň üçin,
Ojagňa ot bolup, göz ýumup girdim.
Göz ýetirmek aňsat ylalaşmak kyn,
Men bolsa gussadan bireýýäm irdim.

Ýyllar möhrün maňlaýyma ýelmedi,
Kör düýämi başga köprä ideýin.
Gyz günüňde, kyn günümde gelmediň,
Dul günüňde, gül günümde nädeýin.

Iki körüň ýoly düşmezmiş sowa,
Süýtde agzy bişen üflärmiş suwa.

## Gurjakmy sen? (Söýgi)

Kirpikleriň yrgyldap dur,
A gyz ,,Barby'' gurjakmy sen?
Ýüzüňde ýok ýekeje nur,
Lak atylsaň urjakmy sen?

Özuň ykjam elleriň ak,
Gül göwräňde kem ýeriň ýok,
Buýra saçyň goýýaň dolap,
Ýa ösensoň örjekmi sen?

Gulakhalkaň ýalpyldaýar,
Ala gözleň balkyldaýar,
Göwnüň nirde pelpelleýar,
Bize jogap berjekmi sen?

Çala çekip köýnejigňi,
Söýdürýäňle söýmejegi,
Diýdirdiň gyz diýmejegmi,
Ýa ýürege girjekmi sen?

Akja dişiň bezeg ýüze,
Sen ýakymly her bir göze,
Çyny ýazmak adat bize,
Goşgymy geň görjekmi sen?

Sözi söze men sepleýän,
Sen owlak deý bökjekleýäň,
Nehä dymýaň ne gepleýäň,
Mydam şeýdip ýörjekmi sen?

Gyz çykypsyň ýetişipsiň,
Çagalykdan ötüşüpsiň,
Durmuş bilen öpüşüpsiň,
Bagt öýüne barjakmy sen?

## Kaka bolmak kynlaşýar

Bilemok, duýýarmy, ýokmy ogullar,
Ýöne welin çaý başynda käteler
Bizden, sizden, gözden-dilden gizligin
Assyrynja derdinişýär kakalar.

Olar derdinişýär ogullar hakda,
"Galarmyka?" diýip bigeleňligi.
Kimi üýşendirýär oglunyň agşam
Bir ýerik ir gidip, giç gelenligi.

Olar derdinişýär ogullar hakda,
Derdinmek däl, oda düşýär käbiri.
"Çüýşesine alaç edip bilemok",
"Wah, okuwdan kowupdyrlar Kadyry".

Birmahallar ogul bolmak kyn eken,
Ýyllar geçip, üýtgäp barýar kadalar.
Indi kaka bolmak kynlaşyp barýar,
Gaýrat ediň, gaýrat ediň, kakalar!



## Näme beýle pese gaçdyňla posa

Bir wagtlar asmandanam beýikdiň
Näme beýle pese gaçdyňla posa
Her ýetene ýetdirmeýän keýikdiň
Näme beýle pese gaçdyňla posa

Çopanlara teşne çölde küýseden
Indi çöller üýşüp ýatyr posadan
Gerek bolsa çykjagam sen kisedn
Näme beýle pese gaçdyňla posa

Bir däl iki däl sen onnlap tapyljak
Köçelerde,bazarlarda satyljak
Biri diýdi basym banka gapyljak
Näme beýle pese gaçdynla posa

Gyz-ýigit däl ogşaşyp ýör erkegem
Bu gün saňa el uzatýar tentegem
Ýogsa mazaň egsilenok entegem
Näme beýle pese gaçdyňla posa

Seň uçin geçipdi ençe gyş güýzüm
Sen uçin köp ýerde epildi dyzym
Ilkimji sowgady bolupdyň gyzyň
Näme beýle pese gaçdyňla posa

Gawundan garpyzdan süýjidi şirañ
Indi sen tapylýaň içinden şoraň
Şol oňki posa sen kemmişin niräň
Näme beýle pese gaçdyňla posa

Iki sany serhoş durdy gagşaşyp
Gujaklaşdy bir-birini ogşaşyp
Assa assa nurbatlaryn gowşaşyp
Näme beýle pese gaçdyňla posa

Dodaklar dodakda mäkäm işleşip
Ýigit bile bir gyz durdy dişleşip
Indi seniň alynşyňam üýtgeşik
Näme beýle pese gaçdyňla posa

Aşyk magşuk gizlin ýerde tapyşýar
Hal ahwal soraşman saňa ýapyşýar
Bu keseliňiz şahyrada ýokuşýar
Näme beýle pese gaçdyňla posa

Adamyň ýüzünde bolmaly perde
Şol perde ýyrtylsa galarys derde
Saklalyň posany iň pynhan ýerde
Ýogsam öz mazasyn ýitirer posa

## Köwşüm

Ilki başda agzyň ykjamja dardy
Sözlesene köwşüm saňa näm boldy
Depaňde demirden äýnejik bardy
Sözlesene köwşüm saňa näm boldy

Bir aý geýdim üç aý ussada ýatdyň
Padožyň çalyşdym soň jaýryk atdyň
Gysan bolduň, meni agsap ýöretdiň
Sözlesene köwşüm saňa näm boldy

Tomus düşdi welin burnuň galdyrdyň
Yzyň çöken boldy üstden güldürdiň
Her taýyna on bäş ýama saldyrdyň
Sözlesene köwşüm saňa näm boldy

Eýäň meni koža diýip allady
Yüz elli diýdide ýaman pallady
Alamda garady swetnoý boldy
Sözlesene köwşüm saňa näm boldy

## Ýaz bolup gitgin!

Heniz ösüp durka ömür daragtyň,
Bir gün sawçy gelip açylar bagtyň,
Şeýdip toý kürtesin atynan wagtyň,
Assa ýuwaş ýöräp uz bolup gitgin!

Ornaşyp törüňe daňansoň öýme,
Hasratlaň içinde örtenip köýme,
Mähriban ýaryňy ýalandan söýme,
Çyn söýgüň içinde köz bolup gitgin!

Namysyň päk bolsun getirme ysnat,
Abyraý tapdyrmaz ol örän gyt zat,
Imandan daş düşme nebsiňi gyssap,
Baýlygy terk edip az bolup gitgin!

Gürläniň sözläniň ýalan bolmasyn,
Päliň hem niýetiň ýaman bolmasyn,
Allajan arzuwlaň solan bolmasyn,
Göwünleň küýsegi saz bolup gitgin!

Hak berip bagtyňy bagtyýar bolsaň,
Şondan zyýat munda näme bar onsoň,
Durmuş kemçiligem düzeler soň,soň,
Ýürekleň töründe ýaz bolup gitgin



## Düshündim

... Habar geldi - basym toýuñ tutuljak,
Shonda umyt galmandygna düshündim.
Söýgä kepen - saña kürte atyljak,
Maña bagtyñ gülmändigne düshündim.

Çyg ýaýrady gamdan dolan gözüme,
Nälet etdim, soñam aldym yzyna,
(Wah, dözemok! Sen arzylan gyzym-a!)
Täleýmiñ oñ bolmandygna düshündim.

Ýatdym. Turdum. Ýazdym. Ýandym ot bolup,
Sözler dile geldi perýat-dat bolup,
Senli bagtdan galyberdim ät bolup,
Munuñ baky armandygna düshündim.

Kalpda söýgim. Ýogsa, gahar dilimde,
Sandyraýar ýüregim-de, elim-de!
Ine-de, toý çakylygyñ elimde...
Ah, zarymyñ barmandygna düshündim.

Agdar-düñder boldy sho wagt giñ dünýäm,
Durmushym buz. Ýöne ýüregim ýanýar.
Dashdan diýdim: '' Nädip söýgiñi gömýäñ??! ''
Sözümiñ ýer almandygna düshündim.

Indi ömrüm ýat edermi bahary?
Ýadadym tümlükden küýsäp säheri,
Sen täleýmiñ bagtdan gurlan shäheri,
Derdime señ dermandygña düshündim.

Söýgimizi dowam etjek dowamat,
Senem sag gez! Ýasha gurgun-salamat!
Meger, shu söz aýralyga alamat...
Hakdan bolan permandygna düshündim

## Düýş

Bu çyndanam senmi gözme görünýän,
Behişdiñi taşlap ýerde näme bar?
Gorkuzma ozalam aladam ýetik,
Seredä gözlemde dürden däne bar.

Beýle ýiti bakma saçlaryñ ýaýyp,
Seniñ bu oýnuñy götermez beýnim.
Gözlerimi ýumup açýancam ýene,
Meni gynamada gitsene Leýlim.

Gözlerimi ýumdum açdym inede,
Eý-how gitmänsiñe merhum melegim.
Häzir gözleriñe bakyp bilemok,
Ozal şol gözlerdi ähli dilegim.

Biz bile kän zady arzuw edipdik,
Wysal  bolman galdy olaryñ käsi.
Perzende garaşyp namyrat ötdüñ,
Öýde bark urmady bäbegiñ ysy.

Size merhumlara rugsatmy bar zat,
Dirileñ içine gelýäñiz nädip?!
Meni durkum bilen jadyladyñmy?
Aýaklam doñdula bilemok ädip.

Düýşümmi, huşummy häzir bilemok,
Bir mahal  boş galan törde näme bar?
Eliñde  garaja  galpakly bäbek,
Gözleriñde bolsa dürden däne bar.

## Siňek

Bir ,,görüp" hakynda ýazjakdym goşgy,
Galamam depderem taýyn öňümde.
Ähli pikirlemi dagatdy bir ýan,
Bir garagol siňek gonup elimde.

Kowýan  ellerimi galgadyp her ýan,
Ol bolsa uçýada oňümde gonýa.
Indi bir arkaýyn ýazaýyn diýsem,
Ol ýene gelýäde elimde gonýa.

Bir öýüň içinde bir siňek bir men,
Düşünşüp bilmedik ikiçak galyp.
Ony öldürmäge elim baranok,
A gaharym barýa beýnimi ýaryp.

Ol bolsa ganatyn galgadyp çala,
Ýüzüni sypaýa ýüzüme garap.
Men oňa hiç zadam edemok welin,
Ol maňa uzak gün geçdi yrsarap.

Kä depämde gonup  käte ýüzümde,
Ýüregme düşäýdi diýäýin diýsem.
Hool gyra geçirip süýjüjik goýdum,
Oňa-da gonanok güýmäýin diýsem.

Indem gözlerini mölerdip maňa,
Dilinem çykarýa görsene muny.
Üstümden gülüp dur kiçijek jandar,
Häzir onuň hökmi meňkiden uly.

Garaz görüp hakda goşgy ýazdyrman,
Ol özi hakynda ýazdyrdy eser.
Ýa görüp diýýänim şul siňekmikän?
Ýada ol tersine maňa derdeser.

## Şaýat men!

Gaýratyňy görkezseň
Daglar ýaly beýik sen.
Ýöne ejizlän wagtyň
Misli çaga keýik sen.
Göze başa düşeňok,
Ýuka gysga geýip sen,
Käte ýersiz ýerede,
Öz etiňi iýip sen,
Ajy ýaşlar gözüňden,
Akdyranňa şaýat men.

Toprak ýaly agras sen
Baran wagtym ýanyňa.
Ýöne ýelek ýaljagam
Agramyň ýok janyma,
Mähriň siňip ornaşdy
Damardaky ganyma,
Goşduň meni gijiräk
Aşyklaryň sanyna,
Göz aýyrman yzyňdan,
Bakdyranňa şaýat men.

Tebigat deý täsin sen,
Dürli dürli görküň bar,
Bisyrat sen kimlere,
Kime ajap durkuň bar,
Baýdak ýaly belentde
Namys atly örküň bar,
Teniňde el yzy ýok
Elletmäge erkiň bar,
Sap göwräňe sakçy deý
Berk duranňa şaýat men.

Duýgularmy oýarýar
Adaty däl kamatyň,
Ynan seni gabanýan
Ýola cykan halatyň,

Goý bolmasa bolmasyn
Ýadygärlik suratyň,
Gözlerimde barybir
Doňup galdy syratyň,
Waspa özüň yrdyrman,
Dok duranňa şaýat men.

Asman ýaly giň özüň
Deňiz ýaly hyjuwly,
Umydym saňa baglap
Ýaşaýaryn arzuwly,
Seň baryňda mydama
Bolar ýüregim suwly,
Meýliň bolsa geliber
Açyk saňa giň howly,
Maňa söýgi keselin
Ýokduranňa şaýat men.

Pamyk ýaly ýumşak sen
Säher ýaly arassa,
Näzik gül bedeniňi
Ýasady haýsy ussa?
Ýer begenýär üstünden
Ýöräp geleňde assa,
Durmuşumy bezediň
Oalkydan ýüz esse,
Köp ýollary sökemsoň
Tapdyranňa şaýat men.

Bägül ýaly owadan
Ýyldyz ýaly ýagty sen,
Razy gelip törüme
Gursaň tylla tagty sen,
Nyrhyň kesde talap et,
Şahyryňdan nagty sen,
Ýada başgarak ýerden
Gözleýäňmi bagty sen?
Oýun çynly sözlermi
Kakdyranma şaýat sen.

## Gelin boljak gyz

Ähli zatdan ilki bolsa edepli,
Türkmen ojagyna gelin boljak gyz.
Hemem bolawersin peýdaly nepli,
Türkmen ojagyna gelin boljak gyz.

Agzyna geleniň diýmeýän bolsa,
Ýupka kofta jinsi geýmeýän bolsa,
Ýaryndan başgany söýmeýän bolsa,
Türkmen ojagyna gelin boljak gyz.

Öýkesi kinesi gitmese käne,
Azajyk näzini cekeñde näme?
Garaýşy çuñ bolsa sözi dürdäne,
Türkmen ojagyna gelin boljak gyz.

Arzyly ýaşmagy ýerinde bolsa,
Gep gürrüñe gitmän serinde bolsa,
Hyzmaty ýürekden derinde bolsa,
Türkmen ojagyna gelin boljak gyz.

Rysgy çogdam bolup  boýlasa öýi,
Kalby kir kimirsiz päk bolsa küýi,
Getirse törüne kän bäbek toýy,
Türkmen ojagyna gelin boljak gyz.



## Gora

Tekepbirden,ogrulykda ýetenden,
Hak ýerine galat sözün atandan,
Gara nebse din-imanyn satandan,
Enesin-atsyn aldandan gora.

Bir ýaman hatyndan,zäher dilinden,
Otdan-suwdan,ýany haram pulludan,
Köpdilliden hem-de dili şumludan,
Pukarany aldap gülenden gora.

Garrylyk,garyplyk,ölüm-üçüsi,
Bilmen haýsy uly,haýsy kiçisi,
Hakyn ýazgydynyň  bolmaz gaçysy,
Ozaly şum täleý bolandan gora.

Baky gelen ýaly döwran sürmäge,
Ynsana meňzeýär daşdan gormage,
Dillerim aýlanmaz habar bermäge,
Öz namysyn özi satandan gora.

Hergiz utanç bolmaz zandy gedemde,
Aglamak ýadymda oýnap-gülemde,
Mämmetgurban,herne,ýada salamda,
Gybatdan,töhmetden,ýalandan gora.



## Gelnime!

Tänip gaçdyñ girdabyna kalbymyñ,
Şol ýere hem batdyñ dikenek ýaly.
Duýgylarmy güýçlendirji gözbaş sen,
Yşkym señ ugruñda kökenek ýaly.

Ýeñil gopýan ýörämde hem ädemde,
Ugruna bolup dur işlem nädemde,
Jadylanýan lebleriñden dadamda,
Kamatyñ bar läläm hüýr melek ýaly.

Humar eýle ýetginjek deý göçeýin,
Zäher berme galan zatdan içeýin.
Dürli oýun bilen göwnüñ açaýyn,
Hoja, Tikgi, Potdyş, Emelek ýaly.

Bagtsyzlykdan doly ara üzeýin,
Bagtym seni ykbalyma ýazaýyn.
Ömrüm boýy señ daşyñda gezeýin,
Güle gonjak bolýan kebelek ýaly.

## Gorkýan

Ýagyşy söýýän diýýäň,
ýagyş ýaganda saýawanyňy açýaň...
Güni söýýän diýýäň,
gün çykanda kölegä bukulýaň...
Şemaly söýýän diýýäň,
şemal bolanda aýnalaryňy ýapýaň...
Ine şonuň üçinem gorkýan;
Maňa-da "Seni söýýän" diýýäň...

## Sen şeýle mähriban

Sen şeýle mähriban,sen şeýle eziz
Päk ýüregiň ak gardan hem arassa
Bu dünýä mundanam owadan bordy
Hudaý ähli gyzy sen dek ýaratsa

Gözleriň gülüp dur ýüzüň nurana
Owazyň mylaýym sözüň dürdäne
Ýerliksiz söz eşitmedim men senden
Sen şeýle paýhasly misli bir dana

Wagt geler bir gün bagtyň açylar
Toýuňda şatlanyp guş dek uçarsyň
Göterler badalar,şerap içiler
Şonda bir ýigidiň bagtyn açarsyň

Guwanaryn men hem tutýan toýuňa
Begenjimden gözlerimde ýaş aýlap
Bagty çüwen şol ýigide diýerin
"Inim gelinligi bilipsiň saýlap"

Toý gününde toý saçagnyň başynda
Ýürekdäki arzuwlarym aýdaryn
Arakdan sämedip bu çal kelläni
Şatlanyp tans edip öýe gaýdaryn



## Ýaşa!

Men aýdym bolamda sazym bolup gel,
Köl bolup uzasam gazym bolup gel,
Gyş bolup sowamda ýazym bolup gel,
Tä durmuş guryncaň gyz bolup yaşa!
Hemmaniň kalbynda uz bolup yaşa!

Erbet bolan wagtym oňat bolup gel,
Men nätanyş bolsam belet bolup gel,
Kelläm işlemese sowat bolup gel,
Öte känem bilme türkana yaşa!
Kişä bagly bolma erkana yaşa!

Men seçilip ýatsam seýrek bolup gel,
Men dymyp yaşasam saýrak bolup gel,
Goşgymyň gowsuna baýrak bolup gel,
Şygrymyn içinde köşk gurup yaşa!
Bagtyň ojagynda yşk gurup yaşa!

Aşa artyk bolsam az bolup gel sen,
Eräp gitjek bolsam buz bolup gel sen,
Eger ýuwan bolsam duz bolup gel sen,
Diýsinler akylly, goýalyp yaşa!
Sadalyk ýurdunda boý alyp yaşa!

Käte ýeňles bolsam agyr bolup gel,
Tende ýürek bolsam bagyr bolup gel,
Ýolumdan azaşsam ugur bolup gel,
Dosta ak ýollary görkezip yaşa!
Duşmany özüňden ürküzip yaşa!

Gün bolup dogamda Aý bolup bil sen,
Ýalňyzkam bir pursat taý bolup bil sen,
Men garyp düşemde baý bolup bil sen,
Damarlarda halal gan bolup yaşa!
Döwletli ojakda han bolup yaşa!

Göz bolsam nurana gaş bolgun hökman,
Çäge deý sowrulsam daş bolgun hökman,
Garrasam ynjama yaş bolgun hökman,
Döwürden döwüre gol berip yaşa!
Nesilňi ömrüňe bol berip yaşa!

## Söýgi setirleri

Köpüñ çaýyn sowadan
Husnuñ gözel - owadan!
Dileýän bagtly durmuş –
Özüñdenem owadan!

--II--

Söýülmek belentmi ýa söýmek diyip,
Sorag berip gordum jümle jahana.
Jahanam durdyda bir salym dymyp,
Elbetde söýüşmek diýdi güldide.

--II--

Bu dünýäde aglajak bar güljek bar
Bir gül ysgap,başga güli aljak bar
Eger bar zat pula düzelýän bolsa
O dünýäden bu dünýäge geljek bar

## Meni alarmyň?

Senä uly gyzdyň zülpleri towly,
Menem bir maşgalaň körpeje ogly.
Menä söýýän diýip saýran bolardym,
Senem monça bolup aýnan bolardyň.

Hemmişe gizlenip göz bilen dilden,
Bileje ýörärdik gumşakly ýoldan,
Ir säherden baryp atyzly pele,
Ak pagta ýygardyk ikimiz bile.

Köp sorag bererdim, sebap uludyň,
Gül ülkämde gözelleriň gülüdiň.
Degişip diýerdiň: “Basym ýigit bolarsyň,
Öýlenmekçi bolsaň meni alarmyň”?!

Kyndy bu sowallyň, jogap tapardan,
Oýlanýanym görüp gözün gypardyň.
Köp pikir ederdim bolup haly ten,
Diýerdiň: “Jogap berdä sowallyma meň”.

Jady gözleň, aşygy men aşygy,
Ýöne neýleý çapraz gelen ýaşymy,
Taýyn baky öwrülmäge guluňa,
Arman läläm ýaşyň menden uluda.

Men ýigit çykýançam ynanaý gülüm,
Sen bolarsyň, ençe çagaly gelin.
Soň diýerdiň: “Ömürimin ahyrna cenli,
Garasaryn aljagyn bilsem.

Emma bu durmusda etsenem gowun,
Hasyl bolayanok eden arzuwyn,
Kate soyen soymedige catylya,
Ykbal aty bizden bidin capylya.

Ayra dussek hergiz gownun galmasyn,
Bir dilegim guler yuzun solmasyn,
Omur salyn sat durmusda kurekle,
Hem soygimiz sakla baky yurekde.

Seydip bezedin sen ozgan torini,
Son asla gormedik birek-biregi.
Bir wagt owrulenson gowun sadyma,
Ynha bu gun dusdin yene yadyma,
Mena bir masgalan korpeje ogly,
Senem uly gyzdyn zulpleri towly.

## Rubagylar

Çeýnäniñ, ýuwdanyñ gumana boldy,
Boldy, dili kelte Amana boldy,
Zyñan köwşüñ bilen kowan aýalyñ
Gözläp ýörmeli bir zamana boldy.

-II-

Gapydan kowdular, törden kowdular,
Öýläne-de goýman, irden kowdular,
”Sesiñ sesimize meñzänok” diýip,
Gargalar bilbili hordan kowdular.

-II-

Ynanmazdym muny biri aýytsa,
Göwnüm ýa-da şeýleräkdir öýütse,
Başyñ dikkä pişik bolup süýkenen
It bolup topulýar, işiñ gaýytsa.

## Hassahanada (Degişme)

Gözi haýalrak görýän, şowakörräk, garryja aýal hassahanaň skameýkasynda dynç alyp otyr. Munuň gapdalyna bolsa, bir erkek adam gelip sesini cykarman oturýar. Şol wagtam bulaň ýanyna ýene bir natanyş aýal gelip oturýar. Edil şo wagtam erkek adam bilen aýal adamyň ikisiniňem el telefonyna jaň edýärler. Ikisem bir wagtda telefony göterip, bir-birlerine ünsem bermän gürleşip ugraýarlar.
Bulaň gürrüňine ikicäk gürrüňdir öýdüp düşünen garryja aýal bolsa, olara gulagyny gerip gürrüňlerini diňläp ugraýar:
Adam:
-Ohow, saglykmy keýwany, öý-içeriler abatmy?!
Aýal:
-Oňat, oňat bizem! Gyýw buşluk, ogul agtyjagmyz boldy!
Adam:
-Tüweleme, höwri köp bolsun, haçan guzlady?
Aýal:
-Ýaňja bir sagat boldy! Menem şu wagt ýanyndan gaýdyşym. Sag-amanja ýeňledi, soňam ýerine ýerleşdirdik!
Adam:
-Hä, bir sagat boldy diýsene. Aýagna daýanýarmy, enesi emdirýärmi özi?
Aýal:
-Hawa şu wagt ýanynda enesiniň. Özem sagdynja, owadanja, akja babejik!
Adam:
-Bolýarla! Derrew süýdünem sagyňda, salym geçmänkä owuzynam goňşulara paýlaweriň!
Aýal:
-Wiy, gyýw, ýogsada ogluň ýaňy jaň etdi. Hol keselläp ýatan goýnumyz bara, ana şol ýatakda haram öläýipdirda. Bizem başagaýlyk bilen goýna ünsem bermändiris..
Adam:
-Beh, ona eşitmändirin, yzy ýarasyn. Haçan ugradýalarka?
Aýal:
-Aý, ogluň özüm äkidip gömerin diýdi.
Adam:
-Bu günä menem ýetişmerin öýdýän, ertir aýat okadyp gaýdarynda. Näme, awariýa boldy diýdiňmi?
Aýal:
-Haram öldi diýdimä, gynanyp oturma oň üçin. Bolmanda keselli bolsa etem derde ýaraýan däldirle..
Adam:
-Haý bolmandyrow, neresse ýaňy kyrkam ýaşamandy..
Aýal:
-Bor onda, menä ýöredim. Gelniň ýanna ýene baryp habar tutaýyn, gerek zady barmyka soraýyn.
Adam:
-Bolyar, saglygyn onda, menem ýörejek. Aýagyna daýanan bolsa derrew emdireweriň. Ýatakdan çykarmaň ýöne, bu wagt howa sowugrakdyram!..

Nämäň nämedigne düşünip bilmedik garryja aýal bolsa, geň galyp ýakasyny tutýar:
-Toba, toba! Ölmän ýörseň her hili zat eşitjek..

## Nesýe däl, nagt

Tüçjar kişi dostundan:
-Dost jan, näme üçin dünýäden gidenimden soň ähli malymy, hany-manymy haýyr-sahawata bagyş etjekdigimi aýdanymda-da, adamlar maňa husyt diýýärkä? — diyip soranda, dosty oňa şeýle bir tymsaly gürrüň beripdir.
-Gadym zamanlarda bir goýun sygryň ýanynda adamlary ýamanlapdyr: «Sen-ä adamlara süýt-gatyk beriýärsiň, menem olara et berýärin, hatda derimi hem berýärin. Şonda-da, name üçindir, olar seni menden has gowy görýärler. Zeýrenjeň goýna sygyr şeýle jogap beripdir:
-Munuň sebäbine düşünmek kyn däl, adamlar meni bu zatlary diri wagtym berýändigim üçin gowy görýärler.

## Sowgat (Degişme)

Bir yash oglan oz dashary yurtda okayan soygulisininin doglan gunune sowgat etmek isleyar. Sowgat saylamak uchin ol oglan soygulisinin uyasy bilen maslahatlashmak kararyna gelyar. Olar uly uniwermaga gidyarler. Ol yerde bir sagat aylananyndan son ellik satyn alyp sowgat etmek kararyna gelyar, gyzyn uyasy bolsa pursatdan peydalanyp ozune tursik saylanyar. Satyjy ayal dashyny gaplanynda atdanlykda olaryn paketlaryny chalyshyar, oglan bolsa paketin ichini barlamazdan soygulisine shol tursikli paketi ugradyar, onun ustune sheyle hat yazyar:

“Ezizim, men senin doglan gunun barada yatdan chykarandyryn oytmezin yaly sana shujagaz sadaja sowgady ugradyaryn. Men shu sowgady sayladym, sebabi biz nira bolsa-da bir yere chykan mahalymyz senin geyenini entage chenli goremok. Men tas uzynragyny alyadym, yone satyjy ayal mana gysgasyny al diyip maslahat berdi, chykarmak ansat bolyar diydi.

Men ak renklisini aljak boldum, yone ak basym hapalanyar, shonun uchin garasyndan aldym, satyjy ayal hem ozunin uch hepde bari geyip borenini gorkezdi – we onunky hem bir azajyk hapalanan diyyamesen, gaty arassa. Satyjy ayal shuny hem geyip gorkezdi, ona-da gaty gowy gelishdi. Men hakykatdan hem shu wagt senin yanynda bolup shony oz elim bilen sana geydiresim gelyar, arman mumkinchilik yok.. Shubhesiz, ikimiz indiki gezek dushushyanchak ona kop erkegin eli degip biler. Ynanay, geljekde seni her bir gorenimde, her bir dushushanymyzda ony ogshamak meni has bagtly edip biler. Yuwanyndan son derrew geymeli, yogsa daralyar. Sonky dowur moda – gyrasyny eplap geymeli... Sen halarsyn diyip umyt edyarin we sen gaydyp gelen wagtyn sen geyenini gormegi arzuw edyarin. Tuys yurekden soyyarin.

## Özüňi tana (degişme)

Özüňi tanamak,kimdigiňi bilmek, ýa-da has takygy öz tebigatyňyň haýsy haýwanameňzeýändigini bilmek isleseňiz, şu testi barlap görüň.
1 bilen 9 aralygynda bir san belle şol sany 3-e köpelt. emele gelen sana 3-i goş bu sany ýene-de 3-e köpelt dörän 2 ýa-da 3 belgili sanyň her belgisini bir-birine goş (mysal üçin 123= 1+2+3)
iň soňky emele gelen san seniň tebigatyňyň şu aşakdakylardan haýsy haýwana meňzeýändigini görkezer.

1. gaplaň
2. bürgüt
3. öküz
4. möjek
5. ýylan
6. at (bedew)
7. maýmyn.
8. akula balygy
9. eşek.
10. şagal
11. düýe.



## PSIHOLOGIÝA öwrenýän bilen KANUNÇYL

Bir universitediñ kitaphanasynda oglan gyzyñ stolyna ýakynlashyp ýuwashdan sorar: "Ýanyñyzda oturyp bilerinmi?" Gyz, gaty ses bilen takyk jogap berer:"GIÝJÄMI SIZIÑ BILEN BOZUK ETMEK ISLEMERIN!..." Gyzyñ sözlerini her kim eşdipdi, başlaryny galdyrypdy, dik aýakdaky oglana seretmekdediler... Oglan erbet utanyp hiç bir zat diýmän, gamly öz stoluna tarap gaýtýar... Birnäçe minut soñra gyz ýerinden sessizje turup, oglanyñ stoluna ýaklaşar we oña ýuwaşja şeýle diýer: "Men psihologiýa öwrenýänçidim; häzir,şilkeren bir erkege nähili garşylygny berilşini ögrenmek isläpdim bu ýerde sizide her kimiñ öñünde biraz utandyrdym öýtýän, ötünç soraýan!" Bu gezek oglan ony uly ses bilen jogaplap :"BIR GEJELIGNE 200 DOLLARMY?.. KÖP PUL!.." Oglanyñ diýenlerinide ýene her kim eştdip we bu gezek ayak üstündäki gyza göni seretmekdediler weli, oglan şoka giren halda (erbetbolan) bolan gyzyñ gulagyna yakynlaşyp şeýle pyşyrdar:"Mende hukuk ögrenýänçisi: aýlap birini günäkär ýaly nähili görkezipbilýänmi ögrenmek isläpdim, ötünç soraýan!"

Adamlara täsir etmek ü.n psihologiýa öwrenmek dogry bolsa, onda sendäki edep, mylaýymlyk, utanç, adamkärçilik saña nämä gerek... Ol duýgylar seni kämilleshdirýändir aslynda....



## Agamyň öz gyzlaryny taryp edişi

Agamyň gyzy boldy
Agam joşdy hoş boldy
Gök diredi depesin
Ganatlanyp hoş boldy

Ýanaryn muň adyna
Guşlaň perizadyna
Diýip ilki gyzynyň
Laçyn dakdy adyna

Kyrk çileli gyşy geçdi
Bahary ýazy geldi
Bu birine taý bolup
Ikinji gyzy geldi

Munuň hem adyny
ýanaryn guşlaň perizadyna
Diýip agam gyzynyň
Sülgün dakdy adyna

Ençeme aýy geçdi
Aýlandy ýazy geldi
Bu ikinjä taý bolup
Üçünji gyzy geldi

Munuň hem adyny
ýanaryn guşlaň perizadyna
Saýlap seçip höwesläp
Tawus dakdy adyna

Üç guşuma döneýin
Üç gülüme döneýin
Meni joşa getiren
Üç gyzyma döneýin

Biziň öýde üç guş bar
Meniň guşlam owadan
Gül ýüzünden doýma ýok
Kakaň çaýyn sowadan

Biziň öýde üç guş bar
Ähli guşlardan gözel
Gözel gyzlarym gözel
Gazal, gyzlarym gazal

Diýip agam eý gördi
Üçüsinem söýdi ol
Emma ahyr ýarylyp
Ýeňňeme şeý diýdi ol

Gyz yzyna gyz berýäň
Besdir indi jan gelin
Ogul döwletli başy
Ogul berseň kän gelin

Diýenime däl diýseň
Şeker şapbadym deger
Gyzyl ýumrugym deger
Guşlaryň iň pekgesi
Guşlaryň iň ketjesi
Garga dakaryn garga
Eger gyzyň bolaýsa

Eger gyzyň bolaýsa
Bal günüňe batyrman
Yzyňdana barma ýok
Asla öýe getirmen

Gyzdan ýükümiz ýetik
Bir-birine taý etdik
Beter baýlyk gerek däl
Karun kibi baý etdik

Diýeninde ýeňňemjan
Ýylgyrdy ol hoş bolup
Aýlar bolsa geçip dur
Uçup barýan guş bolup

Sanalgy günler geldi
Iş bitirdi ýeňňemjan
Buşluk,buşluk agam söýünji
Gyz getirdi ýeňňemjan

Bu sözleri eşiden
Çekmän agam wah-arman
Begenjine erni oň
Gulagyna ýetdi durman

Şeker şapbat nirede
Şeker nabat berdigim
Gyzyl ýumruk nirede
Gyzyl ýalyjak gördügim

Berekella han gelin
Berekella jan gelin
Hemä mähriban gelin
Hemde gahryman gelin

Diýip goluna aldy ol
Binanyja zürýady
Pah-pah görsene muny
Garga boldy muň ady

Gaýtap ýanap muň adyn
Guşlaň perizadyna
Käkiligim,käkilik
Dakjak munuň adyna

Şeýle diýen agam
Gyzlaryny söýýärdi ol
Jan gyzlarym oguldan
Kem dälsiňiz diýdi ol

Ýogsam näme gyz halky
Oglanlardan kem bolmaz
Gyz perzendi bolanyň
Ýüreginde gam bolmaz

Öý içeriň gül ýaly
Egin başyň päkize
Naharyňam bal ýaly
Jigijigini götär ol

asla ýerde goýmaz ol
Şeýledir gyz maşgala
Mylaýymdyr,mylaýym
Arzuwumyz gardan ak
Bagtly boluň ylaýym

## "Sensiz ýashamaz diýdiler maña"

Sensiz yashamaz diydiler mana,
Goryanmi yashayan ekenim sensiz,
Yalnyzlygy cekmez diyidiler mana,
Goryanmi yalnyz hem yashayan senziz,

Sensiz adim atmez diydiler mana,
Seretsene yolumy yoreyan sensiz,
Sensiz gulmez hem diydiler mana,
Yone men kah-kahlap gulyarin sensiz!

Sen hakda kan zatlar diydiler mana,
Diydiler danlarym atmazmysh sensiz,
Saher wagty owsen saba yeller hem,
Solar hem osmezmish yanymda sensiz.

Guyz gununin cisnap yagyan yagmyry,
Diydiler yagmazmysh yanymda sensiz,
Gysh gununin syrap yagyan ak gary,
Shol hem yagmazmysh bolamda sensiz.

Garanky gijeler zemini bolup,
Ak yyldyzlar hem suynmezmish sensiz,
“Akmayanyn yoly” suyt yaly aydyn,
Bolmazmysh bolmasam birlikde sensiz.

“YOK”! bu zatlary hic kim diymandi mana,
Oz-ozume diyipdim, bolamda sensiz,
Goz onune getirma gorkyp men shonda
Dowam etmage men yolumy sensiz.

Emma gorkydan ne peyda mana,
Dowamat-dowam yollara sensiz,
Birwagtlar eziz ,hazir yat mana,
Durmysh dowam etyar yoluny sensiz.!!

Edil hazir hem otyryn sensiz,
Kicijek otagda umsumjek sessiz,
Pikire batyaryn dushunyan sensiz,
Diyyarin “ bagtlymyn yashasan mensiz”?

## Käbäm

Otyrsyň öňümde ak saçly ine,
Agtyklaň gygyrýar  Ene-de Ene,
Biziň aramyzda köp ýaşa ýene,
Bize entek-entek gereksiň käbäm.
Ömür ummanyma küreksiň käbäm!

Bu gün ýaş toýuňy belleýäs üýşüp,
Ýakyn ýadyň geldi her ýerden süýşüp,
Saňa arzuw baryn otyrys diýşip,
Bize entek-entek gereksiň käbäm.
Durmuşuma derkar dereksiň käbäm!

Käbäm 53- yaşyň dolupdur ynha,
Gapyň märekeli seret gör hanha,
Asla bolmaz ýaly mähriňe tenha,
Bize entek-entek gereksiň käbäm.
Goşgym ýüregiňde ýer etsin käbäm!

Käbäm ýaş toýuňy gutlaýan menem,
Uzak ýaş dileýän jan saglyk bilen,
Seret Nowbaharyň huzurňa gelen,
Maňa entek-entek gereksiň käbäm.
Ýüregmi urdurýan ýüreksiň käbäm!

## Bet aýal başa mähnetdir

Magazinde nobatda
Öýe gelse gybatda
Seniň ýaly aýaly
Görmedim  welaýatda

Öýe gelen dessine
Çykýar meniň kastyma
Horaz ýaly herrelip
Gygyryp dur ustüme

Her gün bir zat tapylýar
Kä men kä ol topulýar
Sähel zadyň üstünde
Uly gopgun gopulýar

Haýp boldy öwenim
Şunça ýyllap söýenim
Arada görüp meni
Tanamady doganym

Weý-weý Gurban han diýdi
Iýeňokmy nan diýdi
Gözüme ýaş aýlandy
Hälem janyň bar diýdi

Şunça söýdüm arman ýok
Nätjek başga derman ýok
Eger şol aýal dursa
Şu jahanda Gurban ýok

## Dostlugyň gadyry bilinse ýagşy

Gözelleň waspyny ýazýarsyň şahyr
Näme üçin ýazmaýaň dostlaryň hakda
Yşkyň derýasynda ýüzýärsiň şahyr
Näme üçin ýazmaýaň dostlaryň hakda

Şatlygyňa şatlanyp gülküňe gülüp
Aglaňda aglaýan dostlaryň dälmi
Başyňa iş düşse señçe gyýylyp
Bagryny daglaýan dostlaryň dälmi

Hassa günüň hassa halyňy sorap
Dermanyn gözleýän dostlaryň dälmi
Gybatyň etseler mertebäň gorap
Tarypyň sözleýän dostlaryň dälmi

Myhman bolsaň saçak ýazyp öňüňde
Naz-nygmat getirýän dostlaryň dälmi
Hezzetläp,hormatlap başa täç edip
Sylagyň ýetirýän dostlaryň dälmi

Eger işiň düşüp barsaň ýanyna
Minnetsiz bitirýän dostlaryň dälmi
Durmuş ýodasyndan büdüräն günüň
Goluňdan göterýän dostlaryň dälmi

Iň ýakyn hossaryň ýakyn dostlaryň
Olar seň ugruňda bolýar jan serek
Eger sen olaryň gadryn bilmeseň
Olaň bar azaby bolar biderek

Gözelleň waspyny ýazýarsyň şahyr
Goý gözeller lezzet alsyn sözüňden
Ýöne gözelleriň waspyn ýazsaňam
Mähriban dostlaryň salma gözüňden

## Erkimiziň ýaryny beriň!

Aýalyna kömek etse bir erkek
Diýerdiler oňa aýaldan gorkak
Päheý erkek bolşuň diýşerdiler
Şeýdip oň üstünden gülüşerdiler

Aýalyň diýenini etmeli däldi
Asyl oň gepine gitmeli däldi
Şeýdip erkekligi etdiler aýan
Erkek erkek bolýar aýal hem aýal

Diýip özlerini saýdylar uly
Siz bolsa bolduňyz olaryň guly
Ol döwürden oba göçdi bir eýýam
Geldi ajap durmuş üýtgedi dünýäň

Täze döwrümizden aldyňyz bagty
Bu gün ýüzleriňiz gündizden ýagty
Bagtdan,eşretden ýetikdir paýyň
Suwuňyzy getirip demleýäs çaýň

Nanyňyzam tap diýseňiz tapjak biz
Nanyňyzy ýap diýseňiz ýapjak biz
Guşuň süýdün tap diýseňiz tapjak biz
Pil tutup getir diýseň getiriljekdir
Garaz bir zat diýseň bitiriljekdir

Indi gör nähili galdyňyz beýge
Döndüňiz aýýallar el ýetmez keýige
Biz bararda-da bir oýlanyp görüň
Bolmanda erkimiziň ýaryny beriň

## Gül we suw

Gunlerden bir gun gul bilen suw tanysypdyrlar ve dost bolupdyrlar. Ilk gunlerde dine bir dost hokmunde gunlerini gecirerler. Elbetde bir birilerini tanamalary ucin wagt gerek.
Gunler gecer, aylar gecer, gul bu tanysyklykdan hoshal bolmaga baslar. Seyle bir hosal bolar welin,suwa asyk bolar.
Birinji gezek asyk bolup goren gul, gowy ysyny das toweregine yayratmaga baslar.” Bu ys dine senin ucin ey suw” diyer…
Seyle bir gun geler.Suwam icinden gule garsy ysynyshmaga baslar. Gule asyk bolandyryn oyder emma olam birinji gezek ashyk bolup goryar.
Aylar gunler gecer we bir gun gul “Suw meni soyyarmika?” diyip pikir eder. Sebabi suw onun bilen kan gyzyklananok. Gul bolsa beyle soyga owrenismedik bolan son cydaman suwa “Seni soyyan” diyer. Suwam “menem seni soyyan” diyer. Aradan esli wagt gecenden son gul yene “seni soyan” diyer.Suw yenede “menem” diyer.Gul sabyrly bolanson garasar,garasar,garasar…
Garasyp garasyp gul seyle bir dereja geler, das toweregine ol owadan, hoshamay ysyny yayratmagyny goyar we in sonky gezek suwa “seni soyan” diyer. Suwam ona “aytdyma menem seni soyan” diyer.We bir gun gul hassalanar.Renki ,yuz kesbi uytgap baslapdyr.Suwam gulun bas ucunda,soygulisine komek etmek ucin durar.
Gulun hal yagdayina seredende gul oljek bolup dur.In sonky gezek suwa seredip kyncylyk bilen “men seni hakykatdanam soyan” diyer.Suwam muna yaman gynanar we in sonky care hokmunde lukman cagyrar.Lukman keseli name diyip sorar.Lukman gule sereder we seyle diyer:” Hassanyn yagdayi agyr,mundan son elimizden hic zat gelmez”.
Suw, soygulisinin olumune sebap boljak keseli bilmek islar we lukmana yene bir gezek keseli name diyip sorar.Lukman suwa dykgatly seredenden son seyle diyer ”Gulun bir hassalygy yok.Bu gul dine suwsapdyr…”
Elbetde suw, soygulisine dine “seni soyyan” diymegin yetmejekdigine ynanypdyr...

## Gyzlar çyksa köýnekçe

Ökje bary ýeňleşer
Gyzlar çyksa köýnekçe
Garry ýigit deňleşer
Gyzlar çyksa köýnekçe

Bar mähriňi sorup dur
Söýgiň odyn dörüp dur
Gyşa tomus girip dur
Gyzlar çyksa köýnekçe

Ak göwsünde kömelek
Biz şol zada emenek
Ýigit bary kebelek
Gyzlar çyksa köýnekçe

Gojalaram derläbir
Süýji-süýji gürläbir
Gökde guşlar ýerläbir
Gyzlar çyksa köýnekçe

Göz dikmäň siz jempire
Beriň ony kempire
Ösdir seni bir sere
Gyzlar çyksa köýnekçe

Gökde ýyldyrym çakar
Soňam kömelek çykar
Söýgiň böwedin ýykar
Gyzlar çyksa köýnekçe

Bilmersiň sen doňanyň
Görüp bilseň oňanyň
Kän büdürärsiň doganym
Gyzlar çyksa köýnekçe

Bolawergin merdem sen
Geçip huşy serden sen
Ýapyşaýma birden sen
Gyzlar çyksa köýnekçe

Bildir teniň terdigi
Gyşy ýazyň urdugy
Tüýs Hudaýyň berdigi
Gyzlar çyksa köýnekçe

Ýüregiňi ereder
Adam bary sereder
Şahyr goşgy döreder
Gyzlar çyksa köýnekçe

## EJE

Gaýtadan men çaga bolsam,
Öýkelesem.
Aglasam.
Bashym sypap elleñ bilen,
Çaga göwnüm awlasañ.

Deñ-dushlarym göwne degse,
Gelip öýe öýkeli,
Edip çaga bezzatlygym
Gaçyrmasam keýpiñi.

Gaýtadan men çaga bolsam,
Ýash bolsam.
Ulalmasam.
Didaryña zar bolmasam,
Ulalsam.
Sen ölmeseñ.

## Dürdäne setirler

- ✓ Syn edip gorung: Biz ashak-yere seretsek haybatly gorunyas, Yokarlygyna-asmana garasak bolsa yuz sheklimiz matach, nayynjar shekile gechyar...
- ✓ kochan gyrasynda bir kor adam eli hatly otyrdy o hatda'men kor mana sadaka bering'diyip yazykdy emma hichkim ona unsem berenokdy.shol wagt bir chagajyk gelip haty pozup bashga zat yazyp gidyar.Shondan son herkim ona pul berip ugrayalar.son yanky chagajygy ayak sesinden tanap ona:sen yany name yazdyn'diyyar.Chagajyk bolsa:YAZ GELDI MEN YENEDE ONY GORUP BILMERIN'diyip yazdym diyyar.
- ✓ At bir gezek Itiň göwnüne degipdir.
  “Sen aç-hor bolsaň, gapy-gapy aýlanyp, seňkildäp ýörsüň. Şonuň üçin adamlar “It arrygy bolma, at arrygy bol” diýýärler. At aç-hor bolsa-da, öz eýesiniň gapysynda durýar. Muny adamlar şonuň üçin aýdýarlar. Bildiňmi!”
  Bu ýakymsyz söz Itiň içinden ok bolup geçipdir. Şonda-da ol mertlige salypdyr-da, Ata şeýle jogap gaýtarypdyr:
  “Seniň ol aýdýanyň jany bar, At aga. Ýöne sen ýene-de bir zady bilip goý. Sen ikiýüzli. Seni satsalar, sowgat etseler ýa-da ogurlap alyp gitseler, tapawudy ýok, garaz, üstüňe kim münse, sen şonuňky bolaýýaň. Men lebzi bütin. Şonuň üçin maňa adamlar “It - wepa” diýýändirler”.
- ✓ Yumruk nace berk duwlenem bolsa gulup duran yuze degyan daldir.
- ✓ Eger yekeje barmajyk agyrsa hem yurek duyyar, emma yurek agyrsa hic kim duymayar.
- ✓ birnace ynsan gordum egninde eshigi yok, birnace eshik gordum icinde ynsan yok
- ✓ At yatagyndan cykanson gapyny yapanyn peydasy yok
- ✓ birinji gezek gormek ucin bir minut, gownune yaramak ucin bir sagat, soymek ucin bir gun, yatdan cykarmak ucin bolsa bir omur gerekdir

- Saglyk sag adamlaryn bashyndaky altyn tajidir, yone ony syrkawlardan bashga hic kim gormeyar
- Gulun tikeni bar diyip gynanmagyn,tikenin guli bar diyip begen.
- Gaygyly adam, ichi tusseden doly tama menzeya. Gaygyly adamyn derdini dinlemek - ol tusseli jayda aynany achmak yalydyr!
- Kichikam suratlaryn arasynda 7 tapawudy tapyp bilyadim, ulaldym welin ka bir adamlar bilen haywanlaryn arasynda 7 tapawudy goremok.
- Akylly adamlar uryshsyz utarlar, akylsyzlar utmak uchin ursharlar.
- Omrun birinji yarsy, ikinji yarsyna garashyp gecher adamzat. Ikinji yarsyny bolsa sho omrunin birinji yarsyny yatlap gecher.
- Bir zady basharmak agyr ish. Dagdan ashak duship, yenil yoly saylap bilersin yone in owadan peyzaj in yokardadyr!
- Gaty köp adam 25 ýashynda öler, emma 80-90 ýashynda gömüler
- Näme üçin köp gyzlaryňyz ýalyk geýýär, diýip musulmandan sorapdyrlar. Musulman oglan jübüsinden iki sany, biri kagyzly dolanan, beýlekisi açyk kagyzsyz süýji çykaryp, saýlaň diýipdir. Adamlar kagyzly dolanan süýjini saýlap, onuň arassa bolany üçin saýlanlaryny düşündiripdirler. Musulman oglanam "ine siziň soragyňyza jogap"
- Oglan her gije uklamaňka, öz söýgülisine "Men seni söýýän" diýip hat ýazýady! Bir gün agşam ol gyza ýene-de SMS gelýä: ýöne ol gyz "Aý bolýala, her agşam şo bir zat okap ýadadym" diýip, şol sms-y okaman ýatyp galdy... Irden ol gyzyň telefony ýaňlanýar, oglanyň ejesi aglap şuny diýip galýar: "Ol ýogaldy..." gyz erbet ýagdaýda titräp, sms-y açyp görýä: "Janym...men seň öýüň ýanynda...awariýa düşdüm...dem almam kyýnlaşyp başlady...ölýänmikäm öýdýän...näme bolanda-da seni göresim gelýa şu wagt, haýyş edýän...gel" (c)

## TORT

On ýaşly oglanjyk gamgyn halda aşhana giren mahaly ejesi tort tayyarlap otyrdy. Oglunyñ bu halyny syzan ene derrew onuñ bilen derdinişmage başlady.
- Al, oglum. Saña azajyk margaryn ýagyny bereýin- diýip, ejesi ogluna margarin yagyny uzatdy.
- Bu yağ meniñ yüregimi bulayar eje- diýip, ogly yzgytsyz jogap berdi.
- Çyg ýumurtgany neneñ görýäñ?
- Ufff. yüregimi bulamasana eje.
- Onuñ ýaly bolsa saña un bereyin.
- Eje sen bilyaña men bulary iyip bilemok ahyryn.
Ejaniñ beren jogaby diyseñ täsin boldy:
- Dogry, aýdýañ oglum. Bu zatlar ayry-ayrylykda seniñ yüreğiñi bulamagy mümkin. Emma yerbe yer goyaga-da tort bişirip bersem, iyip doyup bilmersiñ.
Oglanjyk ejesiniñ sözlerini diñläp, akyl yetirmage çalyşyardy. Ejesi sözlerini şeyle tamamlady:
- Oglum, Yaradan bilen hem edil şol şekilde bolyar. Köplenç biz, Onuñ biziñ başymyza näme üçin erbet ýa-da gowy yagdaylary salyandygyny biljek bolyarys. Emma Alla ähli zady yerli-yerinde, düzgün-nyzamly yaradypyr. Şonuñ üçin elmydama orta gowy zatlar çykyar. Edil hälki ayry-ayrylykda yüregiñi bulayan zatlardan tortuñ emele gelişi ýaly. Seniñ başyña hem bir kyn yagday düşen bolsa onda sabyr et, Yaradana ynan, ine görersiñ, hemme zat gowy bolar.



## Bilseñ peýdasy deger

- ✓ Är bardyr-ärleríñ äri. Erki ýeter erkeklere. Han ärdir ol. Il derdine dermandyr hem melhemdir. Kyn-gyssaga dùshùlse sözi yere salynmaz.
- ✓ Är bardyr-aýalynyñ äri. Erki ýeter aýalyna hem özùnden önenlere, kän ärdir,ol il derdine derkardyr,sözi bihal bilinmez.
- ✓ Är bardyr-ondanam bäri-erki käte ýeter aýalyna hem özùnden önenlere,kän ärdir ol, il derdine ýaram ýarar,sözùn diñläp bir karara gelinmez.
- ✓ Är bardyr- pylanynyñ äri-erki zordan yeter özùne, "ärsumakdyr". Il derdine ýarar ki aýaly hökùm etse, sözi hich terezä salynmaz.
- ✓ Är bardyr-göýäki çory-erki ýetmez özúne, "ärhandyr"ol. Aýalyñ hyzmatyndaky ayal kysmy bir zatdyr ol, sözi alga alynmaz.
- ✓ Är bardyr- kebzesi sary-erki yeter täretine. "Ärjandyr"ol. Il derdine ýarar ýaly kimmiş ol, ömùr asla salynmaz.
- ✓ Är bardyr- bilinmez bary-ýogy bisandyr ol. Il derdine ýaramaz, demin sanap ýatan wagty agzyna suw çalynmaz.



## TÜRKMENISTANYŇ TELEFON KODLARY

### Ahal

Gypjak 001 392****
Bäherden 001 31*****
Gökdepe 001 32*****
KAKA 001 33*****
Saragt 001 34*****
TEJEN 001 35*****
Babadaýhan 001 36*****
Änew 001 37*****
BÜZMEÝIN 001 38*****

### Balkan

TURKMENBAŞY 002 43*****
ÇELEKEN 002 40*****
GUMDAG 002 41*****
Gyzyletrek 002 42*****
BALKANABAT (Nebitdag) 002 22*****
Türkmenbaşy 002 444****
Esenguly 002 45*****
SERDAR (Gyzylarbat) 002 46*****
BEREKET (Gazanjyk) 002 47*****
Garrygala 002 48*****

### Daşoguz

DAŞOGUZ 003 22*****
Tagta 003 40*****
Ýylanly 003 43*****
Akdepe 003 44*****
Gubadag 003 45*****
Boldumsaz 003 46*****
KÖNEÜRGENÇ 003 47*****
Nyýazow 003 48*****
Türkmenbaşy 003 49*****

## Mary

MARY 005 22*****
Ýagty ýol 005 57*****
Mollanepes 005 58*****
Gulanly 005 59*****
Ýoloten 005 60*****
SERHETABAT (Gyşgy) 005 61*****
BAÝRAMALY 005 64*****
Murgap 005 65*****
Sakarçäge 005 66*****
Tagtabazar 005 68*****
Türkmengala 005 69*****

## Lebap

TÜRKMENABAT (Çärjew) 004 22*****
GOWURDAK 004 31*****
Nyýazow 004 32*****
GAZOJAK 004 38*****
Çarşangy 004 40*****
Halaç 004 41*****
Hojambaz 004 42*****
Garabekewul 004 43*****
ATAMYRAT (Kerki) 004 44*****
Darganata 004 45*****
Dänew 004 46*****
Saýat 004 47*****
Farap 004 48*****
Sakar 004 49*****
SEÝDI 004 61*****

## Ýazdyrmadyňmy?!

Sürme calnan kirpikleňi gezäp sen,
Manyly gözleňi süzdürmediňmi?!
Gijelerne düýshlerimi bezäp sen,
Süýji ukudakam tuzdurmadyňmy?!

Sen hakda oýlanmak ullakan lezzet,
Sen hakda oýlanmak ullakan ezýet,
Edeniň bolup dur sen bir hezil et,
Hyzmatyňda gaýym duzdurmadyňmy?!

Seretmän yzyma eňip barýaryn,
Giden kyncylygy ýeňip barýaryn,
Bileňok ugruňda ýanyp barýaryn,
Ganymy ters aýlap gyzdyrmadyňmy?!

Bir shygrym gutarsa beýlekä bashlap,
Ýazýan ählisini saňa bagyshlap,
Pamyk deý göwnümi ýalandan hoshlap,
Waspyňy ýüzlerce ýazdyrmadyňmy?!

Täleýim täleýňe gelmändir gabat,
Emma bir biregi görýäris oňat,
Söýgümüň päkligne bolsaňda belet,
Meni kän ýalbardyp gezdirmediňmi?!

## Ýalňyşlygym

Ýalňyşlygym söýmedigiň ugrunda
Nähak ýere ýanyp bişip köýmegim.
Ýalňyşlygym, oňa sensiz ýeketäk
Ýaşaýyşy başaramok diýmegim

Ýalňyşlygym diňe şony eý görip
Hemmelerden artyk hormat goýmagym
Ýalňyşlygym gowylaryň dünýäde
Kändigini indi-indi duýmagym.

Ýalňyşlygym namartlaryň öňinde
Ýerliksiz ýalbaryp dyza çökmegim
Ýalňyşlygym doň ýürekleň ýanynda
Ejizläp käteler gözýaş dökmegim

Ýalňyşlygym biljek bolup öňinden
Soralmasyz zady sorag bermegim
Ýalňyşlygym deň duşlarymyň käsinden
Sähel zada ýüz öwürip ýörmegim

Ýalňyşlygym ezýet berip hemişe
Biygtyýar kalba talaň salyp dur
Olar şeýdip geçmişimden ýatlama
Geljegime sapak bolyp galypdyr

## Sallah ýigidiň nalasy

Wah dostlar mena halys yadadym,
Sallahlygyn derdinden,
Tanrym ozun dyndarawwer
Beyle yowuz shertinden

Den-dushlarymyn bary oyli ishikli,
Dostlarym yakyp gitdi,meni ilkinji soygi.
Soydim ikinji gezek synpdasym Maraly
Olam zuwp gacyp gitdi,bagshymyshyn barany.

Sonra ucunji soygim Durli yennan Cemeni
Olam gacyp gitdi,ejemin paylan guni semeni,
Onam halap barany,tekje yalow enegi
Seydip dostlar elden gidirdim huyr melegi

Sonam hat yazdym men, gonsyn gyzy Jerene
Haty gowshur diyip berd oz garry eneme,
Enem bilman beripdir,kicileri Cemene
Cemenden son salam hatym geciripdir
Gerege,Nazgule,Nazgulden son Yazgule,
Yazgul beripdir sagymchy gyz Bahara,
Ay garaz olam ona,ondanam ona
Seydip ile etdi masgara.

Bir gun diydim ejeme,kimka men bagtym acjak
Bir kurtelin ustunden hacan sen pishme secjek.
Ejem diydi:
-jan oglum kimka senin ashygyn,
Ya alaly sagymchy Bahar,sen ashygyn
Entega yokmush shona sacakly sawcy gelen.
-wah ejejan sho dalmi,meni shu gune salan

Gowsy eje alaly Bike dayzan Ajabyn.
ejesi:
- wah,oten agsham jan oglum,acypdyrlar on sacagyn.
Ogly:
-Onda eje alaly,Asyr agan tokgasyn.
Ejesi:
- goyaweri jan oglum,ondan huday saklasyn.
Gorenokmy kocede onun bolup yorshuni
Arkasyz koynek geyip,gune yakyp gershini.
Olar yaly bezzatlar o:t getirer suw diysen,
Siz yaly sallaha,shon yalyny ow diysen.
Ogly:
-onda eje kimka men,shu dunyade geregim.
Ejesi:
-Ylalashsan,Patman gyzyn alyp bereyin.

Seydip ejem ugrady Patman gyzy Cecege
Gadyrly garshy aldy Patma,Cecek ejemi.
- gyz geregin cyn bolsa,epeslini duw diydi.
Ejem gaydyp cin arkan,bir sagatdan "suw" diydi

Suwy icen dessine,ejem gelip essine,
Oye tarap ugrady. Patma bolsa gyzyna,
- natdim diyip umledi.

Geldi ejem bir wagtlar,yuzunde yok yakymy,
-natdin ejejan,gurtmy ya tilkimi?
Ejesi:
-Hak,gurdam gursun tilkide,gyzam gursun Patmanyn
Indi gaydyp sonky sapar,solar diyip atlanim.

Sodur-sodur kes-kellam,ejem oyden cykmady
Gaytam syr-supur,pol yuw,onam mana yukledi...

Ay gulerem gechip dur,sagat,minut,sekunt sanap
Ine,gunlen bir guni,kursdasym Sulguni

Gordum ors bazarda,ol gyzlaryn gulguni.
Diydi:
- senem barmysyn? sag amanja yormusun?
Diydim:
-Menem barynla,yarym-yarty yorunle.

Jak-jak etdi alcak gyz
-wahey ishin gaydypdyr!
Mena sana agtykly bolansynam oydupdim.
-Gaygy etme kursdashym,Tanrym bir gun eciler
- Ine,seninem bir gun parasudyn acylar.
Sulgun:
- mena gaygy edemok,yogsam menem bos diydi
-Sulgunjemal,onda men sana ........
- Yok,aramyz dash. diydi
-O nahili dashmyshyn,bey diymeda alma-nar
Gorenokmy aramyzda,yapdan kici salma bar.
Sena anyrda,menem barde...
Sulgun:
-Goyalyla mus-musy....
salmanyn alajy bor,
Men:
-Tapylarla *yasgasy.
Sulgun:
-Tapjak bolsan su wagta cen,
bolmadymy cak, diydi.
Ahyr yrdyn yerceken,hany barik bok diydi.

Ine sheydip oylendim,bile okan gyzyma,
Gorun bolan zatlara,gulak goyun yzyna.
Bir partada otyryp,bile alyp sowady,
Gapdalynda otyrsamda,anmandyryn men sony.
Gaytam bagtym tapjak diyip,nirani yzlapdyryn,
Bagtym yanymda eken,men bolsa gozlapdirin.

## Nädersiň

Bir supradan tagam iýen dostlaryň,
Ýüz öwürip, kese baksa nädersiň?!
Syr ynanyp, syrdaş diýen dostlaryň
Pynhan syryň ile dökse nädersiň?!

Aýlanyp dur, çarhypelegiň çarhy,
Dostlaň bir-birinden köp eken parhy,
Bolmasa-da dostuň bahasy-nyrhy,
Seni "satyp" içiň ýaksa nädersiň?!

Hak dostundan borsuň mydam tamaly,
Aradan ötmese şeriň şemaly,
Ykbal duş eýlese bir bikemaly,
Olam çür depäňe "çyksa" nädersiň?!

Men bilmedim, kime gülüp bakmaly,
Kalbyňdaky derdiň kime dökmeli,
Kim başarar, dymyp hesret çekmegi,
Dost diýenleň senden buksa nädersiň?!

"Dost-dostuň" aýnasy diýen danalar,
Çyn dostlar dost üçin jan biýr, jan alar.
Dözmez dostlaň kyn gününde sanalar.
Kimler şol gün göwnüň ýyksa nädersiň?!

Wezipeli günüň "dostuň" kän bolar,
Özlerem şeýlebir "jana-jan" bolar,
Adyň tutulanda –"pylan jan" bolar,
A birdenem bagtyň çökse nädersiň?!

Gapyňdan gelende gujak gereniň,
Sarpalap, törüňden orun bereniň,
Jan ynanyp, hossar diýip ýöreniň-
Gözňe barmagyn soksa nädersiň

## Ökünç

ine-de men yolda yuwa$ja yöräp
yarymyñ göwnüne degip gelyärin
gaygy-gama cümüp zemine garap
ba$ymy calaja egip gelyärin

wah men nädip yalan zada ynanyp
ynjydyp bildimkäm men öz yarymy
mundan öñä yaryma has guwanyp
gije gündiz cekerdim oñ zaryny

bu edeniñ yigdiñ i$i däl diyip
wyjdanym goyanok meni erkime
yigit ki$i öz yaryna ynanman
ynanarmy dogry gelen her kime?!

özümi dürsäre hic alac tapman
yöräp gezdim özüm bilen gürle$ip
awtobusa mündim, ma$yna mündim
bilmedim men hic bir yere yerle$ip

meniñ erbetligmi göyä duyyan dey
münen awtobusym heryan caykayar
eden ishiñ bidereklik diyyän dey
hatda agaclaram bashyn yaykayar

cydap bilmän ahyr men beyle hala
diydim gideyin men onuñ yanyna
gidip yalbaryp men gözleri ala
go$gular düzeyin onuñ $anyna
|
$eyle niyet bilen gidip yanyna
goñ$usyna söyyän yarym cagyrtdym
soñra yaryñ gamly bakyp yüzüne
diydim bagy$larsyñ, kalbyñ agyrtdym

ne gürledi, ne seretdi yüzüme
yanymda sessizje aglady durdy
güler yüzli yaryñ bu erbet haly
meni öñküden-de has erbet urdy

soñra, diydi süpürdide ya$yny
hicle beyle zatlar bolyar ahyry
yene diydi gülüp, kakyp ga$yny
bagy$laman bolmaz sen dek $ahyry

$ol wagt begenjim hetdinden a$yp
tasdan ýykylýadym $ol yerde ca$yp
go$gy düzdüm eziz yaryñ $anyna
begenjim, jo$gunlam da$yma da$yp

$ükür awlap bildim yaryñ göwnüni
indi hemme zat hem bolar ajaýyp
$ükür, cözdük kineleriñ düwnüni
indi du$man yüzi solar ajaýyp



## ŞEÝTANYÑ MEÝLETIN ESGERLERI

Mydama şeýtanyñ yzynda gezen we onuñ esgeri bolan adam, adamkärçilikden çykan we başga bir haýwana öwrülen hasaplanýar. Emma käbir adamlar başga mahluk bolmaga göwünjeñdir. Ýogsa-da näme üçin ? Sebabi olaryn yaradylyshy(tebigaty) bozulypdyr, düyp özenlerini yitiripdirler. Mundan beylak adamçylykdan çykypdyrlar. Ýagşylygyñ ýerine ýamanlykdan keyp alyarlar. Allaha ytagat etmekligin ýerine, şeytana boyun bolanyny gowy goryarler. Ine, şonun yaly adamyn biri, şeytanyñ nahili zatdygyny bilesi gelipdir... Şol ýamanlygyñ simboly nahili zat, nahili işleyar, adama nahili tasir edyar? Diýip pikirlenyan ekeni... Ol bolsa biraz gorkupdyr, biraz hem hayran galyp, geñirgenip sorapdyr:

- sen kim?
- men şeytan.
- allajanlarym!... Şeytan! Seni görenime öran şat. Men seni çäksiz soyyarin,öran şat. Men seni çäksiz soyyarin, öran goresim gelipdi. Tanyşandygymyza nahili begenendigimi bir bilseñ... Ýöne senden bir haýyşym bar..
- Näme?
- meniñ seni göresim gelşi ýaly, seniñ adamlary azdyryşyñy görmek isleyardim. Bu gün meni hem yanyñ bilen alyp git, näme edyandigiñi maña hem gorkez.

Bolyar - diyipdir şeýtan...we yola rowana bolupdyrlar... Şeytan adamlary nahili azdyryandygyny, ähli yamanlyk we gunalerin yollaryny gorkezipdir...

Güna iş edip yadandan soñ, dynç alyan adam, şeýtanyñ dostlugyndan razy bolupdyr... Agşam bolanda, şeýtan: "ey dost, şu günlük yeterlik."..diýipdir. Adam öran razy, göýä aýrylmak islemeýarmiş.

- bolyar - diyipdir, Ýöne şeytan Saña soñky sowalym hem bar, oña hem jogap ber, sonra gidber.
- sora - diyipdir şeytan.
- üstüñde durli-durli ýüpler göryarin. Name bular, haysy işlerde ulanyañ?

Şeytan ýylgyrypdyr we şeýle diýipdir:

- men bularyñ üsti bilen yoluma, yzyma düşjek adamlary baglap çekyarin.
Şol adam geñirgenip, yene sorapdyr:
- Ýöne men günuzyn seniñ yzyña düşdim... Emma munuñ bilen hiç baglanmadym....
Şeýtan gözden yitip baryan wagty şeýle diýipdir:
- men islemeyanleri yzyma düşürmeklik üçin bağlayan... Sütem etmeklik üçin gurnayan bu yollary.. Emma sen we Seniñ yalylar meniñ meýletin esgerlerimsiniz. Name ün sizi bağlaýyn, name ün yüp bilen dañaýyn. Ozuniz meniñ yanyma gelyaniz-ä

Natjek, ine şunuñ ýalylar hem bar.... Şeytanyñ işini añsatlaşdyryan, hilelerine aldanyp, derrew yzyna düşyanler hem bar. Gynansak-da kabir adamalar şeýtanyñ meýletin esgerleridir. Ýagşylygyñ ýerine yamanlykdan lezzet alyarlar...Şeýtanyñ çakylygy bolmasada ozleri yamanlyklaryn yzyna düşyarler. Hat-da beyleki adamlary hem yamanlyga cagyryarlar. Şeytanlyk wezipesini oz üstüne alyarlar. Şeylelik bilen, şeytan ýyllyk rugsada çykyar. Arkayn dynç alyar. Gynansak-da şunun yaly adamlar zerarly....



## Aşyk şahyr

Bir bar eken, bir yok eken
Bir shahyr yashapdyr yaman uzakda
Shahyryn pakje konlunde dine
Pikirler yasharmysh gozel gyz hakda.

Shahyr watanyn goyup gitdi uzaga
Gozel gyzyn kalbyny gazanmak uchin
Shirin sozli goshgular duzdi-de duzdi
Gyzyn gulajygyna pyshyrdamak uchin.

Uzagyn sonuna yetende shahyr
Bir dagyn bashynda akja koshk gordi
Hudaya shukredip daga dyrmyshdy
Begenip sho koshkden icheri girdi.

Ak koshkde gara dow yashayar eken
Gozel gyzy zyndanda saklayar eken
Zyndany gulp bilen gurplayar eken
Shol gulpam passwordly achylyar eken.

Gara dowden gizlenip garashdy shahyr
Gara dow yatanson zyndana gidip
Gozel gyza dushdy ol indi ahyr
Yone bu gulpy acmaly, nadip?

Gozel "gyz shypyry bilemok" diydi
"Gulpa bir zatlara pyshyrdamaly"
Shahyr kan oylandy, kan pikirlendi
"Belki-de gulpa goshgy okamaly?"

Gozel gyz uchin duzen bar goshgylaryn
Mylayym sesi bilen shahyr sozledi
Gulp shirin sozlere chydap bilmedi
Chalajadan, yuwash yuwash eredi.

Shahyr bilen gozel gyz gachyp Moskwichli
Geldiler shahyryn uzak yurduna
Gozel gyz gujaklap batyr shahyry
Bir mohum syr aytdy on gulagyna.

Dagdaky akja koshk - nazik bedenim
Gara dow - aklymdaky gara pikirim
Sho zyndan - duygysyz yashan ruhum
Ishikdaki gulpam - menin yuregim.

## Biderek dostlar

Hassa günüm halym sorap gelmeýän
Kyn günümde kömek edip bilmeýän
Aglamda aglaman,gülsem gülsem gülmeýän
Nämä gerek maňa biderek dostlar

Ýasymda görünmän toýuma gelýän
Müň bir hile bilen maňa al salýan
Özgäniň ýanynda üstümden gülýän
Nämä gerek maňa biderek dostlar

Iki ýüzli syrpäki dek öwüsýän
Rysgalym galaýsa egnimden basýan
Öz duzumdan iýip saçagma gusýan
Nämä gerek maňa biderek dostlar

Ýalan-ýaşryk gürläp bagrymy ýakýan
Büdresem,ýykylsam heşelle kakýan
Gelnime,gyzyma hyrydar bakýan
Nämä gerek maňa biderek dostlar

Giç hem bolsa indi serim aýlaýyn
ýaman dostdan ýagşy dosty saýlaýyn
Toýlarymy çyn dost bilen toýlaýyn
Nämä gerek maňa biderek dostlar

## Durmush we erteki.

armanym sen,armanym sen dünýede,
Dermanym sen,dermanym sen,dermanym!
Günäsi ýok,özgeleriñ bu ýerde,
Bu ykbalyñ oýny,aýryldyk janym.

Ellerime salsam,jem$idiñ jamyn,
Belki beýle,bolmasada bolmazdy.
Öñünden bilerdik nämäñ boljagyn,
Hiç kes seni,ellerimden almazdy.

Elimde bolsady,garry gojanyñ,
Üç isleg bitirýän tylla balygy.
Ählisinde, diñe seni dilärdim,
Howwa seni,eý kòñlimiñ aramy.

Elimde bolsady,hool alletdiniñ,
Içi jynly,$ol jadyly çyrasy,
Belki jasminyma ýetip bilerdim,
Tapylardy, aýralygyñ çäresi.

Ýöne welin,bulañ bary erteki,
Ertekiler bolsa oñat gutarýar.
Gerçek ýigit,$ol rehimsiz döwleri,
Öldürýärde,$a gyzyny getirýär.

$a bolsa olara,nika gyýdyryp,
Görlùp e$dilmedik toý tutyp berýär.
Bu durmu$dyr,hakykatdyr öýdi$ip,
Ertekiniñ okyjysy begenýär.

Durmu$ erteki däl,durmu$ ýeñil däl,
Çyra ýa jam,balyk ,dadyña gelmez.
Ýöne seni söýmän,oñup biljekdäl,
Seniñ ýüregiñem,wah mensiz oñmaz.

Bagytdyr dünýäde,söýlip ýa$amak,
Armany bolmaklyk,seniñ dek gyzyñ.
Ýeri bolýa, goýaly bu gürriñi,
Diýme maña,"umyt bara henizem"

Biz aýryldyk,biz aýryldyk ahyry,
Sen nämùçin,dü$ineñok henizem,
Hemme zat, gowluga gutarar ýaly,
Durmy$ hindi filimi däl ezizim!

## Oglan we Gyz *(gysgaca hekaýa)*

Bir kor oglan bar eken. Ol oglan bir owadanja yakimly gyz bilen nyshanly eken.
Bir gun gyz oglandan sorapdyr:
"Sen mana hachan oylenmekchi?" diyipdir.
Oglan hem: ''Men sana dine seni görüp bilen wagtym oylenerin''
diyip jogap beripdir. Birnache gunden son oglan uchin biri gozlerini pida edipdir, we oglanyn gozleri achylypdyr. Ol soygusini goryanine begenipdir, oran shat bolupdyr. Yone ol soygulisini gorse onun hem gozlerinin korlugune hayran galypdyr we oylenmegi goybolsun edipdir. Ol gyz yilgyryp assajykdan yorap gidipdir, yone gitmezden ozal oglanyn gulagyna shu sozleri aydypdyr:
"Isleyishin yaly bolsun ezizim, yone men bir zat diyjekdim sana. Gozlerime gowy seretgin"

## Tort satýan gyza

Mana bir tort gerek,
iyemde suyji bolsun.
Bir yyllap lezzet berjek,
kuwwaty guyji bolsun.

Gowresi ulurakdan,
kilesem agyr bolsun.
Goterip akidemde,
eginlem yagyr bolsun.

Ozem yurek sheklinde,
arasy bally bolsun.
Dashy manyz sepilen,
usti hem gulli bolsun.

Margarinli bolmasyn,
bar yeri mesge bolsun.
Nagt pulun sorama,
bolsaha nesye bolsun.

Chishme dal gatlakly et,
kokawasam kan bolsun.
Edil sen dey owadan,
ozem gymmat dal bolsun.

Asla zefir goshayma,
duz shekeri saz bolsun.
Ustunde-de ap-akja,
iki sany gaz bolsun.

Uny mahirden bolup,
suwy duygudan bolsun.
Bishende sinnin biship
ozi soyguden bolsun.

Shu tordy bishirmage,
yeterlik wagtyn bolsun.
Hic hacan sowulmajak,
pakize bagtyn bolsun.

Her gunun gulki bolup,
durmushyn gyzyk bolsun.
Soyenne nikalanyp,
elinde yuzuk bolsun.

Yene yene kan arzuw,
hemmesi bolup dursun.
Elmydama bashyn dik,
gozlerin gulup dursun.

Ish yerin rus bazary,
saylan karin satyjy.
Menem soz bilen sozun,
arasyny catyjy.



## Iki gelin sögüşi

Iki goňşy gelinler,
Çilarada sögüşýär.
Gopan deýin kyýamat
Dabarasy dag aşýar.

Goşarlary ýumrugy,
Billerinde bykynda.
Galar ýaly däl olar
Ikisi hem bekinde.

Özleri hem at ýaly,
Görk syratly etinde.
Diline alýan sözi,
Iň mojugy betinde.

Ýok olarda müýn haýa,
Ilden günden çekinme.
Degibilse begenýär
Bir birniň çetinne.

Namemişin Dürjanyň,
Geçisi boşap gidipdir.
Goňşylaň melleginiň
Kelemlerine giripdir.

Birje kelem gemripdir,
Munam Patma görüpdir.
Ýeke kelem üstünde,
Goşa ýumruk geripdir.

Patma diýär aňyrdan:
-"Aýu, nadan sen heleý
Geçiň kelemi geýipdir,
Ýoklan deýin tüweleý.

Men seň üçin geçiňe
Iýsin diýip ekemok.
Menem çaga ekleýän,
Gury azap çekemok.

Kim bolaýsyn çeknemok,
Goňşy bolsaň boluber.
Ýöne ýere çekrämok,
Ölýän bolsaň ölüber.

Hanha, gül ýaly äriň,
Tapanokmy iým şoňa.
Wezipeli işi bar,
Aýdaňokmy şonyňa.

Wah, seň äriň är bolsa,
Onda her gün getirdi.
Oýnaşnyňkyn iýmlemän,
Diňe saňa ýetirdi.

Iki baş maşgalany,
Eklemek kyndyr oňa.
Şäherdäkä ýetirip,
Seni goýandyr soňa.

Oglam bolanmyş hol gün,
Buşlugyma näm berjek?..
Jaýam salyp beripdir,
Basym maşyn äberjek..

Erniň suwly bolmasaň,
Özüň münerdiň maşyny.
Birtopar dul heleýler,
Almazdylar daşyny.

Gaty görme ýenede,
Gaýdyp geçiň geçäýse.
Göni suda bererin,
Mellegimde göçäýse.."

Muň sesine Dürjanyň,
Çüý gözleri alardy.
Bir çişdi'de keýerip
Patmaň üstüne arlady:

-"Hekgeren bolma heleý,
Bolduň başyma akylly.
Gitde ondana barda
Äriňe öwret akylňy.

Düwlän bolup durmada,
Azrak et takalňy.
Öz äriňde utanç ýok,
Ösdürýärem sakalny.

Bar bilýäni sypamak,
Dul heleýleň çokulny.
Güýmenjesi synlamak
Del heleýleň şekilni.

Eşidýärmiň sen heleý,
Hol gün ariň maşynyn,
Signal berip köçede
Mündürip dur oýnaşyn..

Wezipehä sizde bar,
Pul urýaňyz küt-kütläp.
Ýedi maşyn kimde bar,
Haly alýaňyz gat-gatlap.

Giden süri sygryň bar,
Olar nireden geldi.
Äriň firmaň hojaýny,
Puly nireden çildi.

Indi bir kelem üçin,
Edýäňemmi gürrüňin.
Äriň bilen agdaryn,
Oturýanja kürsüsin.

Entek başyňa ýeter,
Seniň ol süri sygryň.
Göni suda ýazdyryp
Açaryn ähli syryň.."

Bir manatlyk gök kelem,
Ýetdi olaň başyna.
Iki goňşy tersleşip,
Awy gatdy aşyna.

Düwleýärler ikisem,
Barha çişýär ýelini.
Şaýat bolan bolsaňyz,
Görseň iki gelini.

Diňlär ýaly däl olaň,
Mojuk şerraý gepini.
Ine şeýdip açdylar,
Bir birniň sepini.

Bilenokmyka olar,
Erte açmak gapyňy.
Nämä derkar bir kelem,
Beýdip saçmak ganyňy.

Birden gutarsa unuň,
Kömek berjek nanyňy
Ýene goňşy dälmidir
Kelem alsyn janyňy..

---

Ýazjagam däldim welin,
Hiç goýmady iki gelin.
Biri şerçä meňzese,
Biri ajdarha deýin.

Bir birne bahyllyk,
Kalplaryny eýeläpdi.
Görüplik duýgulary,
At dek münüp eýerläpdi.

Ilki kelem bolsada,
Maksatlary başgady.
Adam ýaly aýtmakdan
Sypaýçylykdan daşdady.

Linkden size maslahat:
Gyzlar beýle bolaýmaň.
Baran öýňe abraý ert,
Beýdip ile dolaýman.

Agzybirlik bagt getir,
Agzaladan bagt ýiter.
Il eşitse gowy däl
Birden gepe galaýmaň.

## Eşegiň toýy

oyerdiler eshegi ozi yaly eshege
toyda ayynyng garny sygmayardy gushagna
diyen zadyng sachakda bezelgi saman kume
ahli haywan sabyrsyz garashyardy bu gune

durmusha chykyan eshek begenjinden gulup dur
kirpi towshan hem shahal toyyng sazyn chalyp dur
gurbaga aydym aydyar sesining yetdiginden
tans edip yor chal mojek tutup tilking elinden

dunye dorali bari ne beyle toy goruldi
durmush guryan eshege jemleyji soz berildi
oylenyan eshek diydi bolsada dostlar guna
eger at razy bolsa shonga oylenjek mena

gelin eshek yash dokup kumeden chykyp gitdi
eshek diyseng eshekda diyip hemme gaytdy
aydypdy atam manga parasatly bol ogul
gurleseng eshek yaly toy guni galarsyng dul



## Ýene gyzlar...

''yene gyzlar hakda yazyamyn goshgy?!
Nadein, gyzlar-da yuregmin yshgy!
-taryp etsen hic tarypy tukenmez
shonun yaly gyzlar owadan gushmy?!

-onda-da sheyle bir owadan olar,
asmanyn, zeminin bezegi sholar.
Olar ashyk etjek hich ashyk dalem,
olaryn gorkune ashykdyr alem!''

diyip, gyzlar hakda yazsam tiz-tizden,
(bolmasa-da menin erbet hyyalym)
-men-a halys irdim- diyip, -gyz-gyzdan
gashyn chytyp igenyarem ayalym.

Dogry, gaty agyr ayal igenji,
yone gyzlar yuregimin bar genji

yaz yaly yylgyryp seretse gyzlar,
shol bada chozulyar dunyanem dony
yuregin torunde yer etse gyzlar,
tum gije atyrar arzyly dany

gusha menzap gyzlar bolsalar hushgar,
olan ynamyna gechmekde ish bar.
Oylanyp oylanyp bir zat diyse-de
birden icin cekip, barmagyn dishlar.

Hushgarligem bezeg beryar olara,
hushgar mydam sowa gecher duzakdan.
Zat kar etmez hergiz hushgar bolana,
eger-eger bir ok degmez yuz okdan.

Wah, gyzlara degjek bolsa sho pille
okunam ozune oklaryn, dostlar,
yykjak bolsa meni yyksyn, goy, gulle,
gyzlara soygumi haklaryn, dostlar.

Mahir, nurdan doran terje tenleri,
chybynyn chakmagna bolmaryn kayyl.
Synlamak bagtdyr akja elleri,
yupek dey sachlara yuregim mayyl

shon uchin gyzlaryn gashyn chytdyrjak,
bar zada gazaply darasym gelyar.
Kalbyma mun durli goller chitdirjek,
gyzlary yagydan gorasym gelyar.

Bar yeri bezeyar gyzlar nur chayyp,
gyzlar yaly parlak gulem gulenok.
Yashlyk, hyjuw beryan sheyle ajayyp,
gozelligi garradasym gelenok.



**GUTARYLMADYK GOŞGY**

Seniň bilen bir göwüsden emendir,
Hem ýatandyr bir garynda seň bilen.
Naçar uýaňdyr ol dertli gününde
Deň aglaşan, bigam çagyň deň gülen.

Günler şatlygyny paýlaşyp dursa,
Hesretem gaşyňda eglenmez, geçer.
Öýüň öresi däl, myhman ol diňe
Kejebeli günüň gelerine çen.

Öwezini başga hiç zat dolmajak
Bilniksiz boşlugy galdyryp sende,
Göçer gider naçar dogan ýat ýere
Juwanlygyň serhedini geçende.

Duzy-nesibesi, ykbaly dartyp,
Ol özge ojaga höwrüger gider.
Parhly bolsaň agyr, parhsyz üçinem
Adaty ýagdaýa öwrüler gider.

Bolmaly zat bolsa ýagşy aslynda
Erikler wagtynda güllese gowy.
Ýöne ýürek aýralygyň yzasyn
Duýsa oňatmy ýa bilmese gowy?

## Aýralyk

Ashgabada gaytmazdan öng görüpdim
Hassahanadaky syrkaw ejemi.
Aladaly didaryny görmegim
Asyl songky bagtly pursat ekeni.

Shol wagyt men oylanmandym bu hakda,
Sen mydama diri gezjek yalydyng.
Ey ykbalym heniz üch gün gechmanka
Name üchin bagtly ýigdi aldadyng?

Shum habary kabul etman entegem
Ynananok onga yashajyk gursak.
Gelen haty okap, ajy durmushdan
Utulanyn bilip galdy shol pursat.

Ugradym men ak altyly obama,
Shonda-da ynanman seslendi yürek:
Diridir ol, hökman diri bolmaly,
Entek enä körpe balasy gerek.

Golayladym, howlymyzda chäge bar,
Kelleleri bash gaply bar, yogy yok.
Shadyýan yok, bashga zat yok, agy bar,
Emma welin kalbyng yeketägi yok.

Hawa, hawa, dash ishikde ak kerpich,
Ol kerpichde yazlan ing Mukaddes at.
Yazgy baky ayralygyng nyshany.
Ging dünyämde turdy birden harasat.

Ana shonda yüregimden aglapdym.
Görünmedi gozyashymdan o yazgy.
Yanglanyp dur gechäyse-de dokuz ýyl
Ýüregimde aýralygyng owazy.

## Ýaşmak

Uz  ýaşynsa gelinleriň
Görküne görk beren ýaşmak
Meniň kimin gaýynlaryň
Goragynda duran ýaşmak

Toý toýladym gelin alyp
Gelin geldi ýalyn bolup
Men görgülä rehim kylyp
Özün oda uran ýaşmak

Gaýduwsyz hem ýürekli sen
Oglanlamdan derekli sen
Sen meň üçin gerekli sen
Örän,örän, örän ýaşmak

Doganym sen,dost ýarym sen
Sarsmaz galam diwarym sen
Arkadagym hossarym sen
Meň bagtyma dörän ýaşmak



## Aýak yzlary

Bir adam, bir gije düýş görüpdir, düýşünde uzyn deňiz kenaryndaky çägede dosty bilen ýöreýän eken. Olar ýöreýän wagty hem asmanda şol adamyň durmuşy bir film sahnasy ýaly görünýärdi. Deňiz kenary adamyň durmuş ýoly ýalydy. Adam gumda 2 jübüt aýak yzyň bardygyny görýärdi. Bir jübüt özüniňki, bir jübüt dostunyňky.

Durmuş filminiň soňky sahnasy hem geçenden sonra adam gumdaky aýak yzlary ýene bir gezek seredip çykypdyr we bir zada haýran galypdyr:

Durmuş ýolunyň köp böleginde aýak yzlary bir jübüt bolyar eken we bu wagtlarda hem durmuşynyň iň agyr, iň kyn günleri eken.

Bu gören zady adamy gaty birahat edipdir we dostuna soramagy ýüregine düwüpdir.

Dostdum! Eger bir terslik etmedik bolsam, hemme wagt ýanymda boljagyňy, hemme wagt meniň bilen ýörejegiňi aýdypdyň... durmuş ýoluma seretýän welin iň agyr, iň erbet, iň ajyly günlerimde diňe bir jübüt aýak yzy görýän gumda...

Durmuşynyň aňsat günlerinde ýanymda ýöreýäň ekeniň, saňa iň mätaç wagtym meni terk edýäň.

Dosty ýylgyryp jogap berýär:

Söýgüli, mähriban, gadyrly dostum!

Men seni gaty gowy görýädim we hiç haçan seni terk etmedim. Gumdaky durmuş ýoluňda iň agyr günleriňde, iň kyn günleriňde, erbet wagtlaryňda diňe bir jübüt aýak yz gördüň.

Dykgatlyja seret!

Aýak yzlaryň çuňlaşýar.

Çünki o wagtlar men seni gujagyma alyp ýöreýardim...

## Ýatlarsyn meni

Bu gun ayra dusdi durmus yolumyz,
belki bagtly gun yatlarsyn meni,
ya uly boldumy tutan palimiz.
Belki toy gununde yatlarsyn meni.

ayralyk derdi bar menin basymda,
yatsam duysumde gundiz husumda.
Seydip dali boldum juwan yasymda
belki gaygy gamda yatlarsyn meni

elin b.n oz bagtyny yatyrdyn
omurlik yoldasyn baky yitirdin
dusunyan sanada hasrat getirdim
belki hasratly gun yatlarsyň meni

uzak oturmarsyn gyzlygna garap
her gun sawcy geler rugsadyn sorap
enen atan sana bererler azap
belki azaply gun yatlarsyn meni

ahyry birinin toy sahedi alnar
sondan son hem toy sahedi bellener
sol gun senin gelinalyjyn geler
belki gyzyl kurtan icinde yatlarsyn meni

toy gutarar adam galmaz dasynda
bir yas yigit gelip durar gasyna
aylap urar gyzyl kurtan basyndan
belki sol pursatda yatlarsyn meni

gyzlyk buysanjyny alar elinden
yapysar ol senin nazik teninden
ol gun isleg arzuw soralmaz senden
belki gozyas b.n yatlarsyn meni

danatar gutarar hasratly gije
sol gunden son adyn bolar gelneje
umytly bakarsyn yagty geljege
belki bagtly gun yatlarsyn meni

yyllar gecer biri birine menzes
gijeler yar gujagynda dokersin goz yas
suyji arzuw bagt gacar senden das
belki arzuw b.n yatlarsyn meni

sol gunden son "ey" senin adyn
sahelce zat u.n alnar badyn
sonda yadyna duser soyen yigidin
belki soydum diyp yatlarsyn meni

ay gecer yyl gecer dogular caga
az kem yatdan cykar gaygy alada
sonda.da kawagt bakarsyn yola
belki yola bakyp yatlarsyn meni

gosgy yazyan bu gun yuregi para
ayralyk derdi bar tapylmaz care
asyk oglan gozyas doker bicare
arzuwlar arman b.n yatlarsyn meni

aydyan bu gun sana ayrakyk guni
yadymdan cykarman soygulim seni
dinle soygim menin soygi sozumi
belki su gosguda yatlarsyn meni

# Haysy gyzy söymeli?

Kömek ediñ söygi yoldan geçenler!
Ullakan bir mesele bar çözmeli.
İlem söyyär, menem söyjek birini,
Yöne bilmen haysy gyzy söymeli.

Uzynynmy ya söymeli keltesin,
İşlisinmi ya bolmasa yaltasyn?
Ayt dost, yöne soñy ahmyr bolmasyn,
Şol gyzlardan haysy birin söymeli?

Garasy bar, sarysy bar, agy bar,
Akyllysy ya-da añy yogy bar,
Käsi arryk, käbirinde yagy bar.:-)
Maslahat ber! Haysy gyzy söymeli?

Daşy jäjek, içi möjek pikirli,
Ya tersine bar gününe şükürli.
Söygi diyseñ, öwser käsi müñ dùrli,
Saylap, olañ haysy birin söymeli?

Gözeller kän, saylamaly birini,
Ikisi kän, yogsa söyjek baryny.:-)
Kül etmez dek gül ömürin yaryny
Aydyñ dostlar haysy birin söymeli?

Beti - betdir, tabyn eder gorkagy,
Bardyr kä erkekden beter erkegi.:-)
Käsi güymär bir özi on telpegi.:-)
Aydyñ, bulañ haysy birin söymeli?

Yelek yaly, emma şekili gözel,
Ya-da sypatyndan akyly gözel.
Däp-dessurly, köynek yakaly gözel.
Başym çaşdy, haysy birin söymeli?

Altyn görse, alyp gaçar kellesi,
Söyüşmäge yokdur olañ bellisi.
Şeyle bolsa eger yüzden ellisi,
Galan elliñ haysy birin söymeli?

Öz deñiñmi, ya-da uly, ya-da yaş
Rakyply bor söygä haysy galam gaş?
Giç bolmaz'a yaşym bolsa 25,
Indiden son haysy birin söymeli?

Dayhanynmy, okuwlymy bileyin,
Haysy golay, şonun bilen bolayyn.
Agzalara bir maslahat salayyn:
Şöhle kimin haysy gyzy söymeli?



## DURMUSH BILEN BAGLANAN GOSHGY!!!!!

Gözel gyzlar,
Juwan gyzlar,
Aỳ gyzlar,
Gözellikden alypsyñyz paỳ gyzlar,
Size bir gosgyjyk aydip bermekci,
Belki bolar yuregnize jay gyzlar.

Bir yigit soyupdir bir gozel gyzy,
Gul yuzli, hosh sozli, bir serwi nazi,
Bir gun gabat gelip shol gozel gyza,
Yigit gul gowshuryp chokupdir dyza…

Diyipdir: “men seni yurekden soyyan,
Ysgynda ot bolup ortenip koyyan,
Sen hem mundan artyk gynama meni,
Ynan gyz, yurekden soyyarin seni!”

Ana shonda, ol gyz yigide garap,
Ulumsylyk bilen kellesin yrap,
Diyipdir: “men seni soyup bilmerin,
Asla seni soyyan diyip bilmerin…

Menin yali gyzy aljak yigidin,
Menin yan yoldashym boljak yigidin;
Gyzyldan goyulan dishi bolmaly,
Dushevuntli karde ishi bolmaly,
Pul yagdyryp duran eli bolmaly,

Nace sowjak diyse puly bolmaly,
Garajda ZIL mashyn hynglap durmaly,
Mercedes gapyda henglap durmaly,
Calaja goyulan murty bolmaly,
Yigitlerin sur boy sorty bolmaly..

Indi shuny dinle hormatly yigit,
Menin sana diyjek sozlerim nagt,
Sende ol zatlardan yok asla Derek,
Shonun ucin seni kuysanok yurek"…

Yigit dinlapdir-de gyzyn sozlerin,
Onun gozlerine dikip gozlerin,
Yurekden syzdyryp diyipdir sheyle:
"seni samsykmykan oytmandim beyle…
Hic wagt baylykdan gozleme bagty,
Dushunersin muna gelende wagty…"

Shol wakadan sonra gecipdir aylar,
Toylanypdyr ence shatlykly toylar,
Bir gunem uly toy toylananmyshyn,
Yigit bashga gyza oylenenmishin..
Biri-birlerini soyupdir olar,
Bagt soygudedir diyipdir olar,
Olar pak zahmetden gozlapdir bagty,
Shatlykly gecipdir olaryn wagty..

Bagtly bolmak hakda kop pikir oylap,
Yigitleng icinden secip hem saylap,
Gyz hem bir yigide durmusha chykan,
Shol yigidin waspy sheylerak eken.
"Gyzyldan goyulan dishi bar eken,
Dushevuntli karde ishi bar eken,
Pul yagdyryp duran eli bar eken,
Nace sowjak diyse puly bar eken.."

Emma adamcylyk yok eken onda,
"Akmammetden" doyup gelip her gunde,
Gelip ayalyny urar ekeni,
Azar yamanyny berer ekeni..

Aglapdyr ayaly gozlerin yashlap,
Indem ahmyr edya, hyrchyny dishlap,
Oz eden ishine edipdir pushman,
Emma sonky pushman ozune dushman,
Yigit bolsa gyzyp, baylyga-pula,
Bir gunem duydansyz dushupdir ele,
Kanun onun bar aybyny acypdyr,
Yigit gozenekden anry gecipdir..

Ayaly yzynda aglap galypdyr,
Hemem shol sozleri yada salypdyr,
Hic wagt baylykdan gozleme bagty,
Dushunersin muna gelende wagty…"

Gozel gyzlar,
Juwan gyzlar,
Ay gyzlar,
Sozleriniz shirin-sheker bal gyzlar,
Gozellikde aya-gune tay gyzlar,
Gara gozi garamyk dey shol gyzlar,
Eger bagt barada piker etseniz,
Bagt diyip baylyga dushunman sizler,
Bagt baylykda dal, bagt soygude!!!!!



## Aýralygyň aýdymy

...Gapyňyzda toý tutulýar dilberim,
Hany yşkyň messebi hem wepasy?
Seni haýsy pelek urdy,
Bilmedim,
Köňlümiň soltany,
Yşkymyň şasy!
Hany seniň "Söýýän" diýen sözleriň?..
Gapyňyzd toý tutylýar, dilberim!
Hany yşgyň wepasy hem messebi?
Kesekiň bagtynyň üstünde şeýdip,
Mydam toý-toýlaýar dünýäň mesleri!

Tylla gupbaň-başyňdaky şa jygaň!
Ýüzde desmal-bagrym üzre pajygam,
Seni haýsy pelek urdy, dilberim,
Meni haýsy pelek urdy dilberim,
Bilebilmedim!...
...Başyňdaky kürte-daşdan kapasa,
Başyňdaky kürte maňa kependir!
Indi bu jahanyň bary hem ýogy,
Saňa-da des-deňdir!
Maňa des- deňdir!

Başyňda gök kürte,
Gyzyl ot kürte,
Indi bu dünýäde bagtym ýok örte,
Gök kürtäň içinde ýanyp barýansyň,
Gök kürtäň içinde täleýe gargap,
Gök kürtäň içinde äleme gargap
Hünübirýansyň!

Bir gujak ter çemen-dähedem dessem,
Bir gujak ser çemen-dähedem dessem,
Şagalaň hem şowhun,
Şadyýan sesler,

Indi bu jahanyň bary hem ýogy
Saňada des-deň!
Maňa-da des-deň

"Gelin gelýär" diýip gygyrýar millet
"Ýarym gitdi" diýip bagyrýar kalbym
Gelnaljy maşynlar düýt-de düýt,
Kyýamatyň zogyn çalýar Ysrapyl!
Gyz gidip barýar!
Gyz gidip barýar!
Jahanyň şalygyn özünde jemläp,
Jahanyň şatlygyn özünde jemläp,
Jahanyň bagtyny özünde jemläp,
äkidip barýar!

Şol gün şeýdip aýrylyşdy ýolumyz,
Senki toýa bardy,
Meniňki ýasa.
Maňa dünýäň şa gyzyny söýdürip,
Köýdürip,
Bagrymy gana öýdürip,
Seni rowa gördü kesekä ýada,
Meni bolsa örtendirdi perýada!

Bir gujak ter çemen-
Dähedem-dessem,
Bir gujak ser çemen-
Dähedem-dessem,
Şatlyk şowhun!
Çapak çalýar halaýyk!
...Meniň betbagtlygym, sen niçik eziz!

Meniň betbagtlygym, neneň owadan!
Meniň betbagtlygym-
Niçik ajaýyp!

# EJE

1 ýaşyňda: Seni elleri bilen bezäp besledi, ýuwundyrdy. Bütin gije ýatyrman aglap, sagbolsun aýtdyň.
2 ýaşyňda: Saňa ýöremegi öwretdi. Seni çagyryp seslenende ondan gaçyp, sagbolsun aýtdyň.
3 ýaşyňda: Saňa naharlar taýýarlap berdi. Döküp-saçyp iýip, sagbolsun aýtdyň.
4 ýaşyňda: Eliňe reňkli galamlar berdi. Bütin diwarlara surat çekişdirip, sagbolsun aýtdyň.
5 ýaşyňda: Seni owadan geýimler bilen bezedi. Guma bulaşyp oýnap, sagbolsun aýtdyň.
6 ýaşyňda: Saňa birtopar sowgatlar etdi. Goňşyň äpişgesini döwüp, sagbolsun aýtdyň.
7 ýaşyňda: Mekdebe äkitdi. Köçede: "gitjek däääl" diýip aglap, sagbolsun aýtdyň.
10 ýaşyňda: Doglan günlere, tans mekdeplerine äkitdi. Maşyndan böküp düşüp, yzyna seretmän gidip, sagbolsun aýtdyň.
11 ýaşyňda: Seni dostlaryň bilen kino, teatra äkitdi. Sen: "Biz bilen oturma" diýip, sagbolsun aýtdyň.
12 ýaşyňda: "TW-da erbet peredaçalary görme diýdi". Ol öýde ýok wagty seredip, sagbolsun aýtdyň.
15 ýaşyňda: Seni lagerlere goýberdi, ýekeje hat ýazman sagbolsun aýtdyň.
17 ýaşyňda: Oturlyşyklara goýberdi, birje gezek jaň etmän öýüňe giç gelip, sagbolsun aýtdyň.
18 ýaşyňda: Mekdebi gutaraňda hemme gerek zatlaryňy alyp berdi, ugratdy.
Ony dostlarym üstümden gülmesin diýip ýanyna eltmän, sagbolsun aýtdyň.
21 ýaşyňda : Saňa okuw, iş bilen bagly maslahatlar bermek isledi. "Men sen ýaly boljak däl" diýip sagbolsun aýtdyň.
22 ýaşyňda: Okuwy gutaraňda saňa guwanyp gujaklady. Syýahat üçin pul isläp sagbolsun aýtdyň.
24 ýaşyňda: Durmuş gurjak bolýan ýanýoldaşyň bilen tanyşmak isledi. "Entek ir, hökman däl" diýip sagbolsun aýtdyň.
25 ýaşyňda: Toý tutup berdi, begendi, duýgulandy. Sen başga ýerlere göçüp gidip, sagbolsun aýtdyň.
30 ýaşyňda: Çaga terbiýesi hakda akyl bermek isledi. "Indi beýle terbiýe berlenok, ol diýýänleriň gadymy döwürde galdy" diýip sagbolsun aýtdyň.
40 ýaşyňda: Saňa jaň edip, bir ýakynyň doglan gününi ýatlatdy. "Işim başymdan agdyk, wagtym ýok" diýip sagbolsun aýtdyň.
50 ýaşyňda: Ol erbet keselledi, ony görmäge baranyňda begendi. Oňa "Garrylar çaga ýaly ejiz, näzik, ynjyk bolýar" diýip sagbolsun aýtdyň.

Diýeli bir gün.. Ol öldi..

Bu güne çenli onuň bilen geçiren wagtyň, eden işleriň ýyldyrym bolup kalbyňa urdy. Şonuň üçin entek wagt barka, entek ol dirikä, wagt aýryp gidiň, gyzyklanyň onuň bilen. Şu güne çenli berip bilmedik söýgiňizi beriň oňa..Pursat barka söýgiňizi bildiriň. Bagtly ediň. Gijä galmaň!
Howluk..
Seret wagt geçip dur..

Ene saňa ýeke gezek berilýär,
Söý eneňi! Söýmegiňi dowam et!
Enäniň gadyryn bilmeýän bolsaň,
Enesini ýitirenden sowal et!



## Ruçka

Ruçkaňy ýitirýäň = ruçka ýok
Ruçka ýok = ýazgy, bellik ýok
Ýazgy, bellik ýok = okamana zat ýok
Okamana zat ýok = ekzamende şowsuzlyk
Ekzamende şowsuzlyk = diplom ýok
Diplom ýok = iş ýok
Iş ýok = pul ýok
Pul ýok = iýmit ýok
Iýmit ýok = aç
Aç = hor
Hor = betnyşan
Betnyşan = söýgi ýok
Söýgi ýok = toý ýok
Toý ýok = çaga ýok
Çaga ýok = ýekelik
Ýekelik = depressiya
Depressiyýa = hassalyk
Hassalyk = ölüm
Maslahat: Hiç haçan ruçkaňyzy ýitirmäň!!!

## Çagadan öwrenmeli...

Belki-de ýalňyşýandyryn,ýöne özüm-ä şu pikirde. Biziň entek öwrenmeli zatlarymyz köp. Onda-da çagalardan. Hawa,hawa,çagalar biziň köpümizden kämil. Nädip diýýäňmi? Sözümiň gury bolmazlygy üçin birnäçe delilleri getireýin:

**Begenmek**. Çaga ýaly begenip bilmek. Megerem, iň gerek zatdyr. Daş-töweregiňizde çaga barmy? Şoňa bir süýji ýa-da kiçiräjik jäjek äberiň. Diriň-diriň böküşini görersiňiz. Biz bolsa...Allatagallanyň bize beren şeýle uly peşgeşleri gözümize az görünip, ondan närazy bolýarys. ”Onda maşyn bar,oň öýi meňkiden gowy...” Eýsem biz näme üçin mydama özümiziňkiden gowy zady bolanlara seredýäris? Näme üçin pes ýaşaýanlara seredemzok? Göwniýetmezçilikdenmi? Islendik adam baýap ugrasa tumşugy asmana salam berip ugraýar we diňe özünden ýokardakylary görýär.Peslere seredesem gelenok.Ine bar mesele şonda.Geliň,çagalardan begenmegi öwreneliň.Şükür etmegi öwreneliň. Şonda durmuşymyz reňk goşulyp, gözelleşip ugrar.

**Bagyşlamak** Üns berip gördüňizmi? Çagalar uzak gaty görüşenok. Derrew ýaraşýarlar. Düýn sögüşen ýalydyr welin bu gün eýýäm gülüşip,oýunjaklaryny paýlaşyp oýnap ýörler.Biz näme?Iki-üç ýyllap gaty görüp gezýän mahallarymyzam kän bolýar.Ýüregmizde şol öňki kineleri göterip ýörüs.Soňam şol kineler ýürege agram salyp ýüregagyrydan ejir çekýäris. Alla adamlaryň günäsini bagyşlaýar,biz başaramzok, kiçilik bilýäs bagyşla diýmegi.Biz näme eýsem Alladanam beýikmi?Ýok,elbetde ýok. Onda näme?Onda näme üçin bagyşlamaly däl? Geliň, bagyşlamagy öwreneliň. Şonda özümiziňem bagyşlanmak mümkinçiligimiz artar. Şonda biziň jemgyýetimiz öňküsinden has öser, has beýgeler.

**Hyzmat etmek.** Çagalara bir jäjek,oýunjak sowgat berip görüň, çaga üçin senden gowy adam ýok. ”Bar köşegim ony al, muny äkit” diýseň ylgaşlap,näme diýseň edip ýörendir.Eýsem bize şunça zatlary peşgeş eden Allaha näme üçin hyzmat etmeli däl? Jogap berip biljek ýok bolsa gerek. Bärde jogap berere zadam ýok. Biziň ýalňyşlygymyz.Ine bar bolany.



## Degişme

Bir oglan söýgülisine guda bolupdyr. Günde duşuşuga baryp ýören oglan, ertir toý diýilen güni gyzyňka duşuşyga barýar. Oglan gyzy görjek bolup äpişgeden jyklanda, gyzyň ejesi gyzyna öwüt berýär diýýär:
- Gyzym birinji gije seniň öňüňde iki sany köpri bolar, şol köprüden geçseň oglany mydama özüňkilik edersiň.
Gyzam:
- O nähili synag?
Ejesi:
- Ikiçäk goýup giderler welin, oglana suw getirip ber, suwsaýan diý. Eger getirse onda birinji köpriden geçersiň. Ikinji gezek oýun eden bolda ýüzüne bir şarpyk çal, soňundanam oýun etdim diy. Eger zat degmese onda ikinji köpridenem geçýäň diýipdir.
Bu gürrüňi eşiden oglan öýüne gaýdypdyr sesini çykarman. Toý bolupdyr, indi ikiçäk galanlarynda gyz suwsaýan suw getiräý diýipdir.
oglanam:
-Sesini çykarman bolýa diýip suw getiripdir. Gyzam birinji köpridenä geçdim. Ikinjä başlaýyn diýip, şarpyk çaljak bolupdyr welin, oglan elinden tutup, gyzyň aýagyny döwüpdir. Aý ala goh bolansoň oglanyň kakasy gelip:
- Näme boldy diýse, oglan:
- Gyzyň ejesine jaň edip, gyzyň ikinji köprüden geçip barýarka, köpriden ýykylyp aýagyny döwdürdi diýipdir.



## Ýaramaz aýal

Bu gije hem ozalky dek çagalaň
Ýarpy garny doýsa, ýarpy garny aç.
Olar atadan zat hantama bolman
Gelip, enäñ naharlaryna mätäç.

Olaryñ ejesi öýüne myhman,
Kakasy zawodda gije garawul.
Ata başga, enesi bir çagalar
Bäş ýaşly gyzjagaz, kiçem bir ogul.

Beýle ýagdaý bir däl, onlarça gezek
Öňem telim gaýtalanyp gelipdi.
Ine bu gün ojak odun sowadan
Şol ojakda bolmasyz iş bolupdy.

Gije ýarym. Dym-dyrslykdy töwerek.
Hat-da itler üýrmesin-de goýandy.
Ümsüzligi bozan aýylganç sese
Bir goñşy däl, bütin podýez oýandy.

Körpe bala çykyp ikinji gata
Basgançakdan aşak gaýdan bolarly.
Hojalykda ene ene bolanda
Heý-de bärde şeýle ýagdaý bolarmy.

Hushdan gitdi günäsizje chagajyk.
EJE boldy onuñ iñ soñky sözi.
Demi keslip, togtasa-da ýüregi
Achyk galdy enä zar bolan gözi.

Muny e$idip ylgap geldi atasy,
Goñshy-golam, ýakyn hossar-da geldi.
Emma chagang iñ ýakyny gelenok,
Sebäbi oñ giden ýeri näbelli.

Jañ etdiler. Gudok gitdi. Alanok.
Soñky jañda telefony öçükdi.
Ýoklugyna ol doñýürek enäniñ
Esli salym (iki-üç sagat) gechipdi.

Dolandym soñ dört-bäş günden şähere,
Bu barada eşidipdimem bolmasa.
Asyl gaty erbet bolýan ekeniñ
Gözi ýaşly ýigit ýüzin sallasa.